Nargylyç Hojageldiýew



# GÖKDEPE GALASY

Seniň taryhyň...

Nargylyç Hojageldiýew

# GÖKDEPE GALASY

## Gysgaça taryhy oçerk

*TSSR Ylymlar akademiýasynyň akademigi*
*Myrat Annanepesowyň redaksiýasy bilen.*

«Çäç»
Döredijilik-önümçilik birleşigi
Aşgabat - 1991



**Nargylyç Hojageldiýew, «Gökdepe galasy».**

Aşgabat. «ÇÄÇ» döredijilik-önümçilik birleşigi, 1991.
Suratçy N. Berdiýew

Digital görnüşe geçiren: Garabatyr, 2010
PDF-a geçirildi: 20. Iýun 2010
10 10 1 2

# - Sözbaşy -

Nargylyç Hojageldiýewiň bu taryhy oçerki maňa jikme-jik mälim temadan ýazylypdyr. Bir ýüz on bir ýyl mundan ozal Gökdepede bolup geçen halk tragediýasy ýatdan çykaryp bolmajak taryhy wakadyr. Taryhçylar bu waka dürli wagtlarda dürli hili çemeleşdiler. Sarizmiň harby ekspansiýasyny ýuwmarlajak bolup, ýerli halkyň gahrymançylygyny peseltjek, onuň wekillerini aýyplajak, gala üstünde bolan söweşiň ähmiýetini kiçeltjek bolup synanyşdylar. Iň soňky döwürlerde-de Ahalyň tutýan territoriýasynyň, onuň ilatynyň möçberini hasaplap, hamala, bütin Türkmenistan bilen deňişdireniňde diňe alty-ýedi prosent bolýar, şonuň üçinem Gökdepe tragediýasy Türkmenistanyň Russiýa birikdirilmeginde esasy waka bolan däldir diýen ýaly metodologik taýdan yrga tutaryga ýüz urdular. Munuň özi taryha düýbünden nädogry çemeleşmegiň mysalydyr. Her bir halkyň taryhy ykbalyny kesgitleýän aýgytly wakalar bir günde ýa-da birnäçe günde bolup geçýär. Mysal üçin, Russiýanyň taryhynda Kulikowo söweşi, Poltawa söweşi, Borodino söweşi we ş. m. aýgytlaýjy rol oýnapdy. Türkmen halkynyň taryhynda-da Gökdepe galasynda bolup geçen agyr söweşiň ähmiýetine hiç bir jähtden kembaha garamak bolmaz.

Bu taryhy oçerkiň ady «Gökdepe galasy» bolsa-da, onda başdanaýaga Ahalyň basylyp alynmagy hakda gürrüň barýar. Onda Gökdepe wakalary, birinji we ikinji Ahalteke ekspedisiýalary, patyşa goşunlarynyň sany we sostawy, ýarag üpjünçiligi, galany goraýan halkyň ýagdaýy, söweşiň gidişi we elhenç ýagdaýda tamamlanyşy, umuman, dogry we takyk beýan edilýär.

Elbetde, oçerkde käbir ýetmezçiliklerdir nätakyklyk hem gabat gelýär. Mysal üçin, gala ýykylandan soň ýesir alnan 3000 aýal-gyz galanyň daşynda däl-de, içinde Diňlidepäniň gündogar ýüzünde daşy garawully saklanypdyr.

Galanyň gurlup başlanan wagty anyk däl. Ol 1879-njy ýy-

lyň awgustynda başlandy diýsek, onda 28-nji awgustda eýýäm ep-esli derejede taýýardy ahyry. Belki, has irräk, ýagny 1877-nji ýylda başlanan bolmagy ähtimaldyr.

N. Hojageldiýewiň sada, düşnükli dil bilen ýazylan bu taryhy oçerkini okyjylar höwes bilen okarlar diýip tama edýäris.

***Myrat Annanepesow,***

*Türkmenistan Ylymlar akademiýasynyň akademigi.*

# - 1 -

Gökdepe galasynyň harabaçylygy ahmyr bilen içini tutup, ýere siňip ýatyr. Onuň bir tarapy Gökdepe raýonynyň merkezi bilen utgaşyp gidýär, bir tarapy bilen arany demir ýol liniýasy kesip geçýär. Şäher tipli posýolok köne galanyň üstüne süýşmegini dowam etdirýär. Onuň günorta-gündogar tarapynda gurulýan jaýlar bilen arada diňe asfalt ýol bar. Bir wagtlar giden açyklyk meýdanda ýeke özi seňňerläp oturan gala daş-töwereginden görer gözden gizlenip barýar. Birentek hojalyklaryň uçastoklary galanyň diwary bilen degşip oturansoň, köp ýerlerde galanyň diwary ýarylyp, mal ýataklary, hajathanalar galanyň içine geçirilipdir.

Galanyň demirgazyk-günbatar çüňkräginde, galanyň harabaçylygy ýaly ýere siňip gitmedigem bolsa, öňki haýbatly keşbini ýitiren Diňlidepe egnini gysyp otyr. Türkmenistany basyp almaga gatnaşan rus harby işgärleriniň ýazgylarynda «Diňlidepe» sözi «Gökdepe» sözi bilen tas deň derejede diýen ýaly ulanylýar, özem «Gökdepe galasy» diýen manyda ulanylýar. Bu jähtden «Gökdepe» hem «Diňlidepe» sözleri sinonim hökmünde gelýär. Munuňam öz sebäbi bar. Köne Gökdepe häzirki Gökdepe galasyndan on-on iki kilo-metr demirgazyk-günbatarrakda ýerleşýär eken. Tutuş şol etraplar hem Gökdepe atlandyrylýar eken. Şonuň üçinem Gökdepe galasy köne Gökdepeden esli aralykda ýerleşýän Diňlidepäniň daşyndaky boş meýdanda gurlanam bolsa, ilkibatlara galanyň Diňlidepe ady ýöränem bolsa, soň-soňlar Gökdepe galasy diýen at esasy orna geçipdir.

General Skobelewiň ekspedision otrýadynyň ştab naçalnigi general N. I. Grodekowyň tassyklamagyna görä, Gökdepe galasy ilki gurlaýan batlaryna dürlüçe atlandyrylypdyr. Nurberdi han oňa Ýaňyteke diýer eken. Ilat Ýaňyşäher, parslar bolsa Täzeşäher diýip at beripdir. Ýöne Grodekowyň bu maglumatynda göze dürtülip duran nätakyklyk bar. Ýerli ilatyň Ýaňyşäher diýip,

parslaryň bolsa Täzeşäher diýmegi böwrüňi diňledýär. Grodekow parslaryň atlandyryşyny rus diline terjime edip alandyr diýmäge hem esas ýok. Sebäbi ol Ýaňyteke, Ýaňyşäher, Täzeşäher diýen sözleriň üçüsini hem asyl nusgasynda getirýär.

Gökdepe galasy gysga wagtyň içinde, 1879 – 1880-nji ýyllarda, bary-ýogy bir ýyldan sähel gowrak wagtda gurlupdyr. Özem şol döwürde-de galanyň gurluşygynda birnäçe gezek arakesme bolupdyr. Ýöne gala gurlan döwründenem has az ýaşapdyr. Doly gurlup gutarylandan soň ýarym ýyla-da ýetmän, doly weýran bolupdyr. Özem gala şeýle bir elhençlik bilen weýran edilipdir welin, gurlaly bäri bary-ýogy ýüz on ýyl gowrak wagt geçen ägirt uly desganyň asly keşbini göz öňüne getirmegem mümkin däl.

Elbetde, galanyň harabaçylygynyň şeýle derejä ýetmeginde soňky birentek ýagdaýlaryň — oňa aýawsyzlyk bilen seredilmeginiň, içinde giden meýdana üzüm ekilmeginiň, köp ýerleriniň tekizlenmeginiň, awtogaraj, benzobaza döredilmeginiň, şonuň ýaly hem 1948-nji ýylyň ýer titremesiniň — uly täsir edendigini inkär etmek bolmaz. Ýöne aslynda gala alnaýan badyna-da gaty weýran edilipdir. Galanyň diwarynyň esli bölegi aşagyna däri goýlup partladylypdyr. Ol ýerden birneme günbatarrakda esli ýeri topa tutulyp, gädik açylypdyr. Galanyň diwarlarynyň köp ýeri bolsa onuň daşyndaky hem içindäki garymlardaky adam, at, düýe maslyklaryny gömmek üçin olaryň üstüne ýumrulypdyr. Bu zatlaryň hemmesi barada soňra ýeri gelende jikme-jik gürrüň ederis.

Gökdepe galasynyň gurulmagyna patyşa Russiýasynyň 1879-njy hem 1880 – 1881-nji ýyllarda Ahalteke oazisini basyp almak maksady bilen guran harby ekspedisiýalary sebäp bolupdyr. Geçen asyryň ýetmişinji ýyllarynyň başlaryndan sarizm Ahalteke oazisine ymykly ümzük atyp ugraýar. 1874-nji ýylyň 31-nji martynda Zakaspi bölümi tarapyndan ýörite uprawleniýe döredilip oňa general-maýor Lomakin naçalnik bellenýär.

General Lomakin tekeler bilen gepleşikler geçirip başlaýar. Ýöne dürli sebäplere, dürli bahanalara görä, Ahalteke oazisiniň parahatçylyk bilen rus raýatyna geçirilmek mümkinçiligi sypdyrylýar. Günorta-günbatar hem Günorta Aziýada has düýpli harby maksatlary göz öňünde tutýan patyşa Russiýasy iňlisleri hem parslary öjükdirmejek bolup, Ahaly öz raýatyna birikdirmek barada galp hem alasarmyk syýasat alyp barýar. Munuň üstesine-de polkownik Markozow tarapyndan tekeleriň talaňa salynmagy, rus goşunlary bilen tekeleriň arasynda häli-şindi ownuk çaknyşyklaryň bolup durmagy, öňki hoşniýetli, ynanyşykly gatnaşyklaryň düýbüni ymykly opurýar. Tekeleriň ruslara bolan ynamy gaçýar. Olar ruslara garşy göreşmegi belli-külli ýüreklerine düwýärler.

Patyşa Russiýasy Ahalteke oazisini ymykly eline almasa, Horasana çykyp we iňlislere garşy durup bilmejekdigine mazaly göz ýetirýär. Şonuň üçinem, ownuk çaknyşyklar peýda bermänsoň, Ahalteke oazisini birzarba basyp almagy ýüregine düwýär. Ýörite harby ekspedisiýa gurmak bellenilýär. 1879-njy ýylyň 23-nji ýanwarynda bu plan imperator Aleksandr II tarapyndan tassyklanýar.

Ekspedisiýanyň öňünde Gökdepäni hem Maryny eýelemek wezipesi goýulýar. Ekspedisiýanyň ygtyýaryna 16 $^1/_4$ batalýon (her biri 450 adamdan – 7.310 adam), 18 ýüzlük, 2 atly eskadron (2900 adam) we 34 top (400 adam) berilýär. Şonça güýçden here-

ket edýän goşuna 4.000 pyýada, 2.000 atly goşun, 16 top alynýar. Beýleki goşunlar bolsa hereket edýän goşunlar bilen olaryň bazasyny birleşdirmek üçin peýdalanylýar. Ekspedisiýanyň hajatlary üçin 6 aýa 1.872.540 manat bölünip berlipdir. Ekspedisiýanyň naçalnigi edilip birinji Kawkaz goşun korpusynyň komandiri, rus-türk urşunda uly şöhrat gazanan general-adýutant Lazarew bellenýär we Zakaspi harby bölüminiň goşunlarynyň wagtlaýyn komanduýuşisi diýlip atlandyrylýar.

Lazarew 1879-njy ýylyň 23-nji martynda Çekişlere gelýär. Şol wagt Dykma serdaryň ogly Akberdi han hem 1878-nji ýylyň sentýabrynda Çatda ýesir düşen iki sany rus soldatyny ýanyna alyp, Çekişlere baran eken.

Ol iki ýesir alynmazyndan ozalam tekeler alty sany rus soldatyny ýesir äkidipdirler. Muňa jogap edip ruslar teke kerwenini talapdyrlar we on dört sany tekäni şol alty rus soldatynyň deregine ýesir alypdyrlar.

Ýesir alnan alty rus soldatynyň ikisi ozal goýberilipdir. Iki sanysyny bolsa 1877-nji ýylda Gyzylarbadyň eteginde ýesir alnan ogly bilen çalyşmak üçin bir baý ýaş dul aýal satyn alypdyr. Ikisini bolsa Akberdi han on dört teke ýesiri bilen çalyşmak üçin alyp gelipdir. Şeýlelik-de, Akberdi han gelende, türkmenleriň elinde ýene şol dul aýalyň elindäki iki rus ýesiri galan eken.

Ýöne general Lazarew ol iki ýesiri özüm boşadaryn diýip, Akberdi hany gaty gowy garşylapdyr. On dört teke ýesiriniň on dördüsini hem boşadypdyr. Dykma serdara metal pul bilen ýüz manat, Akberdi hana hem elli manat aýlyk belläpdir. Ol tekeleriň gürrüňsiz boýun egmegini talap edip, Akberdi handan Dykma serdaryň adyna şeýle hat iberipdir:

«Men, general-adýutant Lazarew, Ak Patyşa tarapyndan uly goşun bilen sähra ýöriş geçirmek üçin bellendim. Siziň tiredeşleriňiz mundan birnäçe ýyl ozal biziň Mihaýlow aýlagynda ýer-

leşýän otrýadymyzyň üstüne çozuş edipdirler, geçen ýyl bolsa olar Hojagala çozupdyrlar. Şonuň üçinem men siziň galtamanlaryňyzy mugyra getirmäge we sizde asudalygy berkarar etmäge borçludyryn. Siziň üstüňize aç-açan barýandygymy mälim edýärin we eger siz uruşmakçy bolsaňyz, men muňa örän şatdyryn. Ýöne gurhanda: «eger seniň duşmanyň özüňden güýçli bolsa, onuň ygtykadyna garamazdan, gara güýç hökmünde oňa boýun syngyn» diýlendir. Bu sözleri hem meniň maslahatlarymy teke halkyna ýetir.

23-nji martda men Çekişlere sag-aman geldim we seniň ogluň Akberdi hanyň şol ýerdedigini gördüm, bu meni gaty begendirdi. Men seniň akylly-başly hereket edendigiňi we biziň beýik Ak Patyşamyza gulluk etmegi ýürekden arzuw edýändigiňi gördüm. Şu haty halka mälim eder ýaly, ogluňdan iberýärin. Ýadyňda sakla, biziň tekeleriň üstüne ýörişimiz ümsümligi we asudalygy berkarar etmekden we siziň aýdylany etmeýänleriňizi mugyra getirmekden ybaratdyr.

Kimde-kim Ak Patyşa päk ýürekli hem yhlasly hyzmat etse, men ony goraryn, kimde-kim meniň diýenime boýun bolmasa, men ony ile göz edip jezalaryn. Mundan ýaňa hatyrjem bolaýyň.

Golaý wagtda men öz goşunlarym bilen siziň üstüňize ýöriş ederin. Meniň maslahatymy Ahal tekelerine aýt. Goý, olar men öz ýerlerine baramda, boýun synyp öňümden çyksynlar. Eger olaryň boýun synyp gelmek niýeti ýok bolsa, onda olara duýduryp goý, soňra hiç zady menden görmesinler.

Biziň hemmämiz pygamber Adam atanyň perzentleridiris. Biziň her birimiz öz dini ygtykatymyzy berk saklamalydyrys. Siziň dini ygtykatyňyz bilen biziň hiç hili işimiz ýok! Gaýta biz öz dini ygtykatyny mukaddes berjaý edýän adamlary halaýarys. Men diňe siziň zalym hem kakabaş adamlaryňyzy mugyra getirmek üçin barýaryn.

Çekişlere gelenimden soň, men siziň ähli ýesirleriňizi boşatdym. Häzirki wagtda sizde biziň iki sany soldatymyz galdy. Eger siz olary maňa gaýtaryp berseňiz gowy bolardy, eger gaýtaryp bermeseňiz, olary meniň özüm ýeriň astyna giren bolsalaram taparyn.

Goý, tekelerden birnäçe atly Çatda polkownigiň ýanynda gulluk etsin. Goý, birnäçe batyr hem gujurly atly meniň bilen bile tekeleriň üstüne gitmäge taýýar bolsun».

Ruslaryň çozmakçy bolýanyny eşiden tekeler Aşgabatda maslahat geçirýärler. General Lazarewiň Dykma serdara iberen haty hem şol maslahatda okalýar.

Ol wagtlar Nurberdi han Maryda eken. Onuň ýerine ogly Berdimyrat han hanlyk edýär eken. Ýöne ol ýaş bolansoň, Nurberdi hana ýakyn iki sany adam — Orazmämmet han bilen Gurbanmyrat işan oňa geňeşdarlyk edýär eken.

Aşgabatda bolan maslahat ruslary goýbermeli däl, olara garşy uruşmaly diýen karara gelýär. General Lazarewiň Dykma serdara iberen alty ekzemplýardan ybarat hatyny bolsa mergenler hyrlylaryny oklamak üçin peýdalanypdyrlar.

## - 3 -

Aşgabatda bolan maslahatda alty müň pyýada hem atly goşuny Bendesende jemlemeli edilýär. Berdimyrat han Orazmämmet handyr Gurbanmyrat işan bilen dört müň atly, iki müň hem pyýada goşun alyp, Bendesen geçidine tarap ugraýar. Bendesene baranlaryndan soň olar pyýada goşunlary şol ýerde galdyrýarlar. Berdimyrat han bilen Dykma serdar bolsa dört müň atly goşuny alyp, rus goşunlarynyň öňünden çykmak üçin Hojagala gidýär.

Tekeleriň atly goşunynyň Hojagalanyň ýolunda ruslar bilen bolan çaknyşygy şowsuz gutarýar. Orta ýolda olara atly kazaklar duşýar. Tekeler olary uzakdan oka tutýarlar. Emma oklary ýetmän, olara hiç zat edip bilenoklar. Ruslar bolsa uzaga atýan ýaraglary bilen iki tekäni öldürýärler, dokuzysyny bolsa ýaralaýarlar.

Tekeler öz oklary ýeter ýaly golaý aralyga baryp bilmän, yzlaryna Bendesene gaýtmaga mejbur bolýarlar. Gaty çalt hereket edip, şol gijäniň özünde pyýada goşuny hem alyp, Börmä çekilýärler.

Börmede ýene maslahat geçirilýär. Ahalyň ähli ilatyny Gökdepä ýygnanmaly edýärler. Hemme ýere habar berilýär. Gyzylarbat bilen Gökdepäniň aralygyndaky ilat Gökdepä göçüp başlaýar. Gökdepä göçüp başlan ilaty penalamak üçin atly hem pyýada goşun iki günläp Börmede saklanýar. Mundan başga-da, ilatyň Gökdepä ýygnanmagyna maý bolar ýaly, ruslary, bolmanda, on gün saklamak maksady bilen olaryň arasyna Dykma serdary hem Sopy hany ibermeli edýärler.

Dykma serdar bilen Sopy han ruslar özlerini tussag eder öýdüp köp ýaýdanýarlar. Ahyry öz tirelerini raýatyna almak haýyşyny bahana edip, Lazarew boýnunyň ýüzüne otbaşy çykyp ölenden soň, onuň ýerine galan general Lomakiniň ýanyna barýarlar.

Ýöne Dykma serdaryň obasy Börmäniň hem Sopy hanyň oba-

sy Gyzylarbadyň ilaty Gökdepä göçmän, guma çekilýär. Arçmanyň hem baý maşgalalary göçse-de, göçmäge gurby bolmadyk altmyş öýli ruslara garşy uruşmak meýliniň ýokdugyny bildirip, göçmän galýar. Şolardan başga Gökdepe bilen Gyzylarbat aralygynyň ähli ilaty Gökdepä jemlenýär.

Gökdepe bilen Gäwers aralygynyň ilaty göçmän, öz ýurdunda galýar. Ýöne bu aralygyňam uruşmaga ýaramly ähli erkek göbeklisi Gökdepä ýygnanýar.

Mara Nurberdi hana, ähli Etek ilatyna habar ýollanýar.

Gökdepede ýene maslahat geçirilýär. Ýene ruslar bilen uruşmaly diýen karara gelinýär. Köne Gökdepe gum eteginde bolup, suwuny sowmak aňsat bolansoň, Diňlidepäniň ýanynda berkitme gurup, iň soňky damja ganyna çenli söweşmäge uly il bolup kasam edýärler.

Galanyň gurulmagy üçin Diňlidepäniň saýlanyp alynmagynyň birnäçe sebäpleri bolupdyr. Sekizýabyň gollarynyň birnäçesi Diňlidepäniň golaýjagyndan geçipdir. Bardy-geldi ruslar Sekizýabyň suwuny Ýaňgalanyň ýanyndan sowaýanlarynda hem Diňlidepäniň ýanyndan süýji suwly guýular gazmak mümkin eken. Mundan başga-da galanyň içindäki Diňlidepäniň üstünden bütin daş-töwerege gözegçilik etmek mümkin bolupdyr.

Diňlidepäniň haçan we kim tarapyndan bina edilendigi belli däl eken. Parslar üýşüripdir, kürtler üýşüripdir diýýänler bar eken. Käbirleri bolsa ony ýemreliler gurupdyr diýýär eken.

Dykma serdar bilen Sopy hanyň ruslaryň arasyna knýaz Dolgorukowyň ýanyna 1879-njy ýylyň 13-nji awgustynda baranlygyndan hasap tutsaň, Gökdepe galasynyň gurlup başlanan wagty, aňry gitse, şol ýylyň awgustynyň birinji ongünlüginiň aýaklaryna gabat gelýär.

Galanyň düýbüni ähli ilat ýerleşer ýaly giň tutupdyrlar we gaty gyssagly gurupdyrlar. Galanyň gurluşygyna Berdimyrat

han bilen Orazmämmet han ýolbaşçylyk edipdir. Hezretguly han bilen Öwezdurdy han bolsa olara kömekçi edilip bellenipdir.

Galany ähli ilat üýşüp gurupdyr. Uly-kiçi, aýal-erkek hemme kişi meýletin işläpdir. Galanyň dört ganaty tekeleriň dört sany esasy tiresiniň — syçmazlaryň, wekilleriň, begleriň hem bagşydaşaýaklaryň arasynda bölüşilipdir. Her on maşgala paý bölünip berlipdir.

Ýöne tekeler näçe gyssagly işleselerem, 1879-njy ýylyň 28-nji awgustyna, ruslaryň hüjüme geçen gününe çenli galany gurup gutaryp bilmändirler. Onuň günorta ganatynyň boýy ýaryna hem ýetirilmändir. Galanyň beýleki ganatlary hem doly bitirilmändir. Onuň içindäki öýler görnüşer oturar eken.

Tekeler ruslar galanyň günorta tarapyndan, galanyň gowşak ýerinden hüjüme geçerler öýdüpdirler. Beýle etmegi ruslara olaryň arasynda bolan Dykma serdar hem maslahat berenmiş. Galanyň günorta ganatynyň gurlup gutarylmanlygyndan başga, bu tarapdan tekeleriň suwuny hem sowmak mümkin eken. Ýöne 1879-njy ýylyň 28-nji awgustynda ruslar galanyň demirgazyk-günbatar tarapyndan hüjüme geçipdirler. Tekeler ruslaryň öz gowşak tarapyny bilmeýändigine göz ýetiripdirler.

Ruslar güýçli zor salýarlar. Tekelerem güýçli garşylyk görkezýärler. Iki tarapdanam köp ýitgi çekilýär. Tekeler gepleşik geçirmekçi bolýarlar, emma ruslar tekeler wagt utjak bolýandyrlar öýdüp, gepleşik geçirmekden ýüz dönderýärler.

28-nji awgustda bolan söweşe ruslar tarapyndan 3.024 adam gatnaşypdyr. Ýöne olara galany almak başartmandyr. Şol gün olar 453 adam ýitiripdirler. Tekeler 600 berdanka olja alypdyr. Ýöne bu ýa-ha ruslaryň ýitiren adamlarynyň sanyny azaldyp görkezýändiklerini tassyklaýar, ýa-da diri galan rus soldatlarynyňam birenteginiň ýaragyny taşlandygyny aňladýar.

Tekeler galany gahrymançylyk bilen gorap saklamagy başa-

rypdyrlar. Ýöne olar gaty uly ýitgi çekipdirler. Olaryň öli hem ýaraly hatardan çykan adamy 2.000-e ýetipdir. Spolatbog bu sany 3.000-e ýetirýär. Özem tekeler top okundan köp zyýan çekipdirler. Olar entek tüm gazyp top okundan goranmagy bilmeýän ekenler.

Şol gün Berdimyrat hanyňam öýüniň üstüne granat düşüp, onuň aýalyny, iki çagasyny öldüripdir. Kakasynyň dogany Gurban hanyň kellesini alypdyr. Söweşde Berdimyrat hanyň özi hem agyr ýaralanypdyr we iki günden soň aradan çykypdyr. Ony Diňlidepäniň ileri ýapysynda jaýlapdyrlar. Mazar häzire çenli saklanypdyr.

Berdimyrat hanyň deregine Orazmämmet han han hem beýemçi diýlip ykrar edilýär.

Tekeler ýigrimi sekizinji awgustda özleriniň ýeňenini, ruslaryň güýçden gaçanyny bilmändirler. Olar ýene hüjüme geçer öýdüpdirler. Giç agşam ölen adamlaryň jesetlerini ýygnap ýörkäler, köp adamlar ruslara boýun synmagy talap edipdirler.

Gije agyr ýaralanan Berdimyrat hanyň ýerine han diýlip ykrar edilen Orazmämmet hanyň öýünde maslahat bolýar. Oňa ähli hormatly aksakgallar hem işanlar gatnaşýar. Maslahat gaty uzaga çekýär. Uly çekeleşikden soň, ahyry Orazmämmet hanyň hem Gurbanmyrat işanyň garşy bolmagyna garamazdan, ruslar bilen gepleşik geçirmeli diýen karara gelipdirler. Wepadar han bilen Polat hanyň baştutanlygynda ruslaryň üstüne wekil ibermeli edipdirler. Olara ruslardan Ýegenbatyr galasynyň ýanyndaky kärizlere çenli yza çekilmegi, şol ýerden nähili talaplarynyň bardygyny aýtmagy haýyş etmegi tabşyrypdyrlar.

Ýöne maslahat gaty giç gutarypdyr. Şonuň üçinem wekiller ertir daň bilen gitmeli edilipdir. Olar daňdan sagat dörtde ruslaryň lagerine barypdyrlar. Emma ol ýerden ruslary tapmandyrlar. Sebäbi rus goşunlary bary-ýogy iki günlük azyk bilen gelensoň,

galany alyp bilmejegine göz ýetirip, yza çekilmegi zerur bilipdir. Olar gije sagat üçde, tekeleriň wekilleri barmazyndan bir sagat öň giden ekenler. Tekeler ruslaryň yza çekilýändigini bilenlerinden soň gepleşik geçirmegi goýbolsun edipdirler. Diňe ruslaryň Bama tarap çekilýändigini görüp, özleriniň ýeňendigine göz ýetiripdirler.

Ruslar tä Bama ýetýänçä tekeler talaň maksady bilen olaryň yzyna düşüpdirler. Olara ullakan zyýan edip bilmeselerem, iki-ýeke çykanlary, goragsyzrak kerwenleri talap, mal olja alypdyrlar.

Tekeler uly pidalar çekip gazanan ýeňşiniň hatyrasyna uly toý tutupdyrlar, at çapdyrypdyrlar. Atlary ýeňlip giden duşmanyň giden ugruna tarap çapdyrypdyrlar.

Rus goşunlary Börmede gyşlamagy ýüregine düwüpdir. Goş-golamlary, azyk-suwlugy getirmek üçin Bendesene 500 düýeden ybarat kerwen iberilipdir. Ýöne birden garaşylman durka, Lomakin 8-nji sentýabrda ir bilen şol gün sagat 12-de ugramaly diýip buýruk beripdir. Sebäbi ruslar Nurberdi han eýýäm 15 müň goşun bilen Arçmana gelipdir diýen habar alypdyrlar. Eger tekeler Bendesen geçidini alaýsalar, ruslara yza çekilmäge-de ýol galmajagy äşgär bolupdyr. Munuň üstesine-de düýeler gyrlyp başlapdyr. Yza çekilmäge ulag tapylmazlyk howpy döräpdir. Hatda ýaralylary äkitmek üçin jogapkär G. Sarjew munuň üçin zerur bolan 42 düýäni hem tapyp bilmändir. Onuň dadyna Pereýaslaw dragun polkunyň diwizion komandiri polkownik Nujewskiý ýetişipdir, ol 132 düýe berip biljekdigini mälim edipdir.

Bendesen geçidinden geçenlerinde ruslar köp maddy ýitgi çekýärler. Diňe bir günüň dowamynda 345 düýe ölüpdir. Sülsadyň ýary ýitirilipdir. Olary çapyp, zaýalap taşlapdyrlar. 17 gapyrjak oky gömüpdirler. Soň olary düýekeşlerden eşidip, tekeler tapyp alypdyr. Garaz, ruslar aç-suwsuz, ulagsyz, weýran

halda zordan Bendesene özlerini atypdyrlar.

Ýöne ruslaryň Bendesende-de uzak saklanyp bilmejekdiklerine gözleri ýetipdir. Şonuň üçinem olar ýene Tersakana tarap yza çekilipdirler. Eýýäm 16-njy sentýabrda şol ýere barypdyrlar. Tersakanda Zakaspi harby bölüminiň goşunlarynyň wagtlaýyn komanduýuşisi edilip general Tergukasowyň bellenendigi barada buýruk alynýar.

Rus goşunlary Tersakanda hem gaty agyr ýagdaýa düşüpdir. Azyk, ulag, keselhana ýetmändir. Düýeler gyrlyp, müňläp maslyk aňkap, dem alar ýaly bolmandyr. General Tergukasow Tersakanda-da saklanyp bilmejekdigine göz ýetiripdir. Ol Çekişlere yza çekilipdir. Goşunlarynyň köpüsini günbatar kenara geçiripdir. Täze ekspedisiýa güýçli taýýarlyk görüp başlapdyr.

Ruslar dagdan aňryk geçensoň, Orazmämmet han ýene maslahat çagyrýar. Ruslar indi dolanyp gelmez diýip, Bama çenli ähli ilatyň öz obalaryna göçüp barmagyna rugsat berýärler. Diňlidepede diňe birnäçe baý maşgala galýar.

Ruslar Diňlidepäniň üstüne hüjüm edenlerinde, aýagy çykyp, ýaraman ýatan Nurberdi han hem gutulyp, sentýabrda Ahala gelipdir. Ony ýene han belläpdirler. Nurberdi han Yzgantda mekan tutupdyr, şol ýerde uly ýygnak geçiripdir. Ýygnakda Diňlidepedäki galany gurup gutarmaly edipdirler. Togtamyş-dan hem Utamyşdan müň maşgalany hanyň ýanyna göçürip getirmeli, müň sany perraç ýygnap, hanyň ygtyýaryna bermeli edipdirler. Perraçlary eklemek üçin, hana ilata salgyt salmaga rugsat berlipdir.

Perraçlar tekeleriň her tiresinden 200 – 300 atlydan toplanyp-dyr we olara syçmazdan Öwezdurdy han, begden Orazmämmet han, wekilden Myrat han, bagşydaşaýakdan hem Hezretguly han ýolbaşçylyk edipdir. Olara Ahalyň serhetlerini goramak, polisiýa hem awangard gullugyny berjaý etmek tabşyrylypdyr.

Galany gurup gutarmaly diýen karara gelinse-de, gyş ugurly işlenmändir. Ýaz ýene gyssagly işe başlanypdyr.

Nurberdi han gyş ýene syrkawlapdyr. Syrkawka-da 1880--nji ýylyň martynyň ahyrynda Diňlidepä göçüp barýar. Apreliň 28-nde hem şol ýerde aradan çykýar. Rus harby işgärleriniň ýatlamalarynda hemme ýerde Nurberdi hanyň ölümi hakda şu wersiýa gaýtalanýar. Hemme ýerde onuň syrkawlap, öz ajalyna ölendigi tassyklanýar. Emma S. Öwezbaýewiň «Gönübek» ma-kalasynda şol wakalara gatnaşan türkmeniň dilinden Nurberdi hanyň duşmanlar tarapyndan hile bilen öldürilendigi gürrüň berilýär.

Nurberdi han ölenden dört gün soň, onuň ogly Magtymguly han ähli Ahalyň hany diýlip yglan edilipdir. Han bellenende Magtymguly han ýaş eken. Ol şol wagta çenli hiç wagt urşa, alamana gatnaşyp görmändir. Ylym öwrenipdir. Orazmämmet han oňa wezir bellenipdir. Gurbanmyrat işan bolsa tutuş Ahalyň kazysy edilip bellenipdir.



Surat 5.1: Magtymguly han

Britan agenti Apbas han Magtymguly hany han bellenmegi bilen gutlap, Maşatdan hat iberipdir. Iňlisleriň tekelere kömek berjekdigine ynandyrypdyr. Goçant hem Daraýygez ilhanylary-da tekelere goranmagy maslahat beripdirler.

Gürrüňimiz bilen gönüden-göni baglanyşygy bolmasa-da, şu ýerde gepiň gerdişine bir zady belläp geçmegimiz gerek. Şu çaka çenli iňlisleriň Gökdepe urşunda oýnan roly birtaraplaýyn çişirilip gelindi. Hamala, tekeleriň uruşmagyna esasy sebäp bolan zat iňlisleriň olary ruslara garşy öjükdirmeginden ybaratmyş. Hakykatda bolsa, iýul aýynda tekeleriň Maşada baran wekillerinden Apbas hanyň Magtymguly hana sowgat hökmünde dürbi bilen rewolwer iberendigini hasap etmeseň, tekeler iňlislerden jinnek ýaly hem harby kömek almandyrlar. Äýrandanam suwytly alnan zat ýok. Gurşun, peşeň, iki gezek hem däri satyn alypdyrlar.

Öz topragyny goramaga gezek gelende türkmenler hiç kimiň öjükdirmegine mätäç bolmandyrlar. Onsoňam taryhy faktlar tekeleriň iňlislere-de, parslara-da janlaryny ynanmandyklaryna şaýatlyk edýär. Bu babatdan olaryň «Daily News» gazetiniň habarçysy O' Donowana bolan garaýşyna salgylanmak ýeterlikdir.

Köp taryhçylaryň işlerinde, ýazyjylaryň çeper eserlerinde O'Donowanyň esasy maksady tekeleri ruslara garşy öjükdirmekden ybarat bolan ýaly edilip görkezilýär. Hakykatda bolsa ol, ozaly bilen, öz žurnalistlik käriniň bähbitlerinden ugur alan adam. Ol Ahalteke ekspedisiýasyna gatnaşmak, wakalary gözi bilen görmek isläpdir. Onda-da ilki ruslaryň arasynda bolup görmek isläpdir. Ekspedisiýa gatnaşdyrylmagyny haýyş edip ruslara ýüz tutupdyr. Ýöne Skobelew ekspedisiýa iňlis habarçylarynyň-a däl, rus habarçylarynyňam gatnaşmagyny gadagan edipdir. O'Donowanyň haýyşy kanagatlandyrylmandyr.

Diňe şundan soň O'Donowan tekelere ýüz tutmaga mejbur bolupdyr. Tekeler gala goýberer diýen umyt bilen Bagyra gelip-

dir. Ýörite hat ýazyp, Magtymguly handan gala goýberilmegini sorapdyr. Emma tekeler dürli bahana bilen rus içalylarynyň gala aralaşmagyndan gaty gorkupdyrlar. O'Donowan hem iňlis habarçysynyň donuna giren rus içalysy bolaýmasyn diýip gorkan maslahat ony gala goýbermeli däl diýen karara gelipdir.

Taryhy faktlar türkmenleriň ýeňilmeginiň esasy sebäpleriniň biriniň olaryň dünýäden üzňe galandygyndan, hiç kimden kömek bolmanlygyndan ybaratdygyny tassyklaýar. Eger tekeler iňlislerden ýarag kömegini alan bolsadylar, eger olar ruslara garşy diňe sowuk ýarag bilen uruşmaly bolmadyk bolsadylar, belki, ruslara galany almak başartmazdy. Gökdepe urşunda ýaragyň ýeňendigi hemme kişä belli zat.

General Tergukasow 1879-njy ýylyň noýabrynda Ahaly almagyň planyny düzüpdir. Ol kem-kemden öňe süýşmegi, her bir eýelän punktunda berkitme gurmagy nazarda tutupdyr. Tergukasowyň plany boýunça tutuş Ahalteke oazisini eýelemek üçin dört ýyl wagt, 40.000.000 manat hem pul gerek bolupdyr.

Tergukasowyň bu plany kabul edilmändir. Oazisi eýelemek üçin dört ýyl wagt sarp etmegi uzak görüpdirler. Oňa çenli tekeler uruşmagy öwrenerler, Ahal ikinji Kawkaza öwrüler diýip gorkupdyrlar.

Tergukasow ýaraman, 1879-njy ýylyň dekabrynda özüniň komanduýuşilik wezipesinden boşadylmagyny haýyş edipdir. Onuň ýerine 21-nji pyýada goşun diwiziýasynyň brigada komandiri general Murawew wagtlaýyn komanduýuşiý bellenipdir.

Kawkaz naçalnikleri ekspedisiýany geçirmegi rus-türk urşunda tapawutlanan şol ýerli generallaryň birine tabşyrmagy maslahat beripdirler. Emma hökmürowan imperator Orta Aziýadaky uruş bilen praktiki taýdan tanyş bolan general Skobelewi ekspedision otrýada naçalnik edip bellemegi Kawkaz goşunlarynyň baş komanduýuşisine tabşyrypdyr.

1880-nji ýylyň 12-nji ýanwarynda general Skobelew imperator Aleksandr II bilen uzak wagtlap gürrüňdeş bolupdyr. Patyşa ekspedisiýa üçin goşunyň hem pul çykdajylarynyň çäkli bolmalydygyny aýdypdyr. «Häzirki döwürde Russiýanyň bu zatlary çäksiz harçlap bilmejekdigini ýatda saklamak gerek. Ýöne goşun sözüň giň manysynda ähli zerur zatlar bilen üpjün edilmelidir» diýipdir. Ol 1879-njy ýylda hem goşunda artykmaç adamlaryň köp bolandygyny belläpdir.

Harby ministr graf Milýutin general Skobelewe otrýadyň sostawyny kesgitlemegi, goşunlary jemlemegi, ekspedisiýany tiz wagtda geçirip boljakdygy-bolmajakdygy barada oýlanmagy, ekspedisiýany demir ýolsuz geçirmegiň mümkindigini ýa-da mümkin däldigini aýdyňlaşdyrmagy teklip edipdir.

1880-nji ýylyň ýanwarynyň ikinji ýarymyndan Skobelew baş ştabyň ekspedisiýany guramak baradaky maslahatlaryna gatnaşyp başlaýar. Dürli pikirler orta atylýar. Köp adamlar demir ýolsuz hiç zadyň mümkin däldigini tassyklaýarlar. Skobelew ekspedisiýanyň şowly gutarmagyny diňe demir ýol bilen baglanyşdyrmagy ýalňyş hasaplaýar. Ol demir ýola käbir beýleki serişdeler ýaly ikinji derejeli zat hökmünde garapdyr. Esasan düýä daýanmagy dogry hasap edipdir.

Goşuny düýe bilen üpjün etmek üçin 13 müň düýe gerek bolupdyr. Düýeleriň ölüm-ýitimini nazarda tutsaň, ätiýaç üçin ýene 10 müň düýe gerek bolupdyr.

Ýöne munça düýäni tapmak aňsat däl eken. Şonuň üçinem Skobelew şu wagtdan, heniz Maňgyşlakdaky çarwalar gyş ýurdunda otyrkalar düýe toplamagyň ugruna çykmagy teklip edipdir. Çarwalar göçüp başlansoň düýe tapmagyň gaty kyn boljagyny, gaty köp wagt talap etjekdigini aýdypdyr. Ol 1880-nji ýylyň 17-nji ýanwarynda general-leýtenant Obruçewe ýazan hatynda eger düýeler wagtynda tapylmasa, 1881-nji ýylyň güýzünde te-

kelere zarba urmak hakda pikir etmegiňem mümkin däldigini nygtapdyr.

Düýe tapmak meselesi, hakykatdanam, gaty kyn bolýar. Ýomutlaryň Etrekden aňry geçmegi sebäpli, zerur mukdarda düýe toplamak başa barmaýar. Düýäni Orenburgdan hem Galmykystandan gözlemek meselesi ýüze çykýar.

Bu ýagdaý demir ýol gurmak zerurlygyny görkezýär. Gyzylarbada çenli demir ýol çekmek dogry bilinýär. Bu aralyga iki aýyň dowamynda demir ýol çekmek bolar diýip hasap edýärler.

Skobelew goşuny keçe bilen üpjün etmek, öý bilen üpjün etmek barada hem düýe hakda alada edişinden pes alada etmändir. Ol azyk zapasyny toplamak barada hem köp çäreler görýär. Gökdepe galasyna hüjüme başlamazdan ozal, iň bärkisi 1881-nji ýylyň birinji iýulyna çenli ýeter ýaly azyk jemlemegi wezipe edip goýýar.

Ekspedisiýanyň ugrajak başlangyç punktunyň Mihaýlowsk aýlagy bolmagy, goşuny agyz suwy bilen üpjün etmek zerurlygyny döredýär. Munuň üçin her gije-gündizde azyndan 10.000 bedre suw berip biljek opresnitel gurmak gerek bolupdyr.

Ahal oazisini basyp almagyň başga-da dürli ýollary teklip edilipdir. Şol teklipleriň birinde Ahal tekelerini iki tarapdan — Gyzylarbat hem Mary tarapdan gysaja almak nazarda tutulypdyr. Munuň üçin Türküstan hem Orenburg harby okruglary bile hereket etmeli bolupdyr.

General-maýor Meýer bolsa Buhara hem Hywa hanlygynyň üsti bilen ilki Mary syndyrylsa, Ahal tekeleri alaçsyz galar diýen pikiri öňe sürüpdir. Muny ol iň arzan düşjek wariant diýip düşündiripdir. Eger Kaspi tarapyndan hüjüm edilende 20 million manat harçlamak gerek bolsa, Meýeriň warianty bary-ýogy 7 million manada düşjekmiş.

General-maýor Gluhowskiý hem ahally tekeleriň üstüne iki

tarapdan — Kaspiniň hem Marynyň üsti bilen hüjüm etmegiň tarapdary bolupdyr. General-maýor graf Borh bolsa Etrek hem Krasnowodsk tarapdan hüjüm edip, Bamyda birleşmeli hem şol ýerde ornaşmaly diýen teklibi orta atypdyr. Ýöne bu plany amala aşyrmak üçin demir ýol gurulmagy zerur bolupdyr. Bu plany amala aşyrmak üçin diňe azyk bilen demir ýoluň gurluşygyna 1880-nji ýylda 10 – 13 million manat harç etmeli eken.

Bu teklipleriň käbiri soňra nazarda tutulypdyr.

Orta atylan köp teklipleriň arasynda Gyzylarbatda berkişip, ol ýere Krasnowodskden demir ýol çekmeli diýen pikiriň üstünde durulýar. Skobelew Gyzylarbady, hatda Goçy, Zawy, Gyzylçeşmäni, Bamyny eýelemezden demir ýol gurup bolmajakdygy hakdaky pikir bilen ylalaşypdyr. Ýöne ekspedisiýanyň Gyzylarbadyň alynmagy bilen çäklendirilmegine, soňra demir ýol gurulýança garaşylmagyna düýbünden garşy çykypdyr. Ol eger ruslar Gyzylarbatda berkişseler, tekeleriň hökman hüjüme geçjekdigini, olar yza serpikdirilenden soň bolsa, urşuň kanunyna görä, ýeňlen duşmanyň yzyna düşüp, ol nirä gitse, şol ýere, ýagny Gökdepä gitmeli boljakdygyny öňünden görüpdir. Ruslar demir ýol gurmak bilen meşgullanyp, hereketsiz ýatsalar, tekeler olaryň tylynda partizançylyk urşuny ýaýbaňlandyrarlar, bu bolsa Orta Aziýanyň şertlerinde düýbünden ýol berilmesiz zatdyr diýipdir.

Skobelew goşunlaryny top bilen üpjün etmek meselesine aýratyn üns beripdir. Ol Orta Aziýa halklarynyň topa nähili garaýandyklaryna belet eken. «Orta Aziýada gan dökmezden ýeňiş gazanmak toplaryň sanyna gös-göni proporsionaldyr» diýip, birsyhly nygtaýar eken. Şonuň üçinem ol Gökdepäniň eteginde her müň goşunyna 10 – 12 top hasabyndan, azyndan 80 – 100 top jemlemegi maksat edinipdir we bu maksadyna doly ýetipdir.

Skobelew toplardan peýdalanmagyň ýollaryny hem inçeden

öwrenipdir. Ol 1880-nji ýylyň 21-nji aprelinde 3-nji gwardiýa grenader artilleriýa brigadasynyň komandiri M. A. Zinowewe ýazan hatynda teke berkitmelerine garşy artilleriýany nähili peýdalanyp boljakdygy hakda sorapdyr. Zinowew şol ýylyň 8-nji maýynda Warşawadan iberen jogabynda nähili toplary, nähili granatlary, nähili merdiwanlary ulanmalydygy barada anyk çyzgylar, hasaplamalar getirip jogap beripdir.

Gökdepe galasy gabalanda toplary peýdalanmagyň dürli ýollaryny ulanypdyrlar. Mysal üçin, galadaky öýler gaty güri dikilensoň, olara top oky kän täsir etmändir. Şonuň üçinem piroksilin raketalary, kerosinli granatlary ulanypdyrlar.

Gepiň gysgasy, Lomakiniň ekspedisiýasynyň şowsuz gutarmagynyň düýp sebäbi oňa ýeterlik taýýarlyk görülmändigi hasaplanypdyr we Skobelew bu ýalňyşy gaýtalamazlyk üçin, iňňän uly taýýarlyk görüpdir. Goşuny uzak wagta ýeter ýaly azyk, ok-ýarag bilen üpjün etmek barada, mallar üçin bol ot-iým taýýarlamak barada ähli zerur çäreleri görüpdir.

Tekeler täze ekspedisiýanyň guralýandygyny, oňa hem general Skobelewiň naçalnik bellenendigini 1880-nji ýylyň aprelinde, heniz Skobelew Türkmenistana gelmänkä eşidipdirler. Bu barada tekelere gökleň Kertik molla habar beripdir.

Ol wagtlar Nurberdi han diri eken. Onuň wekilleri Wepadar han, Aman atalyk han, Polat han dagy hem Büjnürtde eken. Olaram özlerine mälim bolan zatlary habar beripdirler. General Skobelewiň ýaşdygyny, köp uruşlara gatnaşandygyny, Kokand hanyny boýun egdirendigini, oýun eder ýaly adam däldigini aýdypdyrlar.

Bu habary eşiden Nurberdi han Yzgantda maslahat çagyrypdyr. Ähli ilaty Gökdepä ýygnamaly edipdirler. Nurberdi han bu işi Dykma serdar bilen Gurbanmyrat işana tabşyrypdyr. Gala göçmäge göwnemeýänleri gyrmak üçin olaryň ygtyýaryna müň atly perraç beripdir. Ýöne gala göçmäge garşy adam bolmandyr.

Diňe Diňlidepäni goramaly edipdirler. Ony doly gurup gutarmak işine girişilipdir.

Nurberdi han kömek sorap, marylylara çapar ýollapdyr. Aprelde Marydan 4.000 atly Tejene tarap ugrapdyr Saryklaram kömek bermek üçin atlanypdyrlar. Ýöne Nurberdi hanyň aradan çykmagy bilen köp zatlar üýtgeýär. Tejende jemlenen marylylar hem ýollaryny üýtgedýärler. Olaryň bir bölegi Horasanyň Jam okrugyna, bir bölegi bolsa Gökgala alamançylyga gidýär.

1880-nji ýylyň 7-nji maýynda Skobelew Çekişlere gelipdir. Şol wagtlar Zakaspide 25 rota, 8 ýüzlük, 8 sany at goşulan top, 10 sany at goşulmadyk top bilen bir komanda, jemi 4370 adam, 1786 ýaby (1439-sy goşun hataryndaky, 347-si hem ýükçi ýaby) bar eken. Bu Tergukasow döwründäkiden has az eken.

Skobelew geleninden beýläk goşunlary ok-ýarag, azyk-suwluk bilen üpjün etmek barada uly işler geçirýär. Şonuň bilen bir wagtda hem ol oazisi öwrenmek maksady bilen barlag ýörişleri-

ni gurap durupdyr. Kem-kemden öňe süýşmek bilen bolupdyr. Özem baran ýerlerinde obalary, ekin meýdanlaryny weýran etmegi, ýakmagy buýrupdyr. Netijede Bamy bilen Gökdepe aralygyndaky ähli obalar weýran edilip, ähli ekinler otdan geçirilipdir. Bamydan günbatardaky orulmadyk ekinleri bolsa rus goşunlary orup, azyk zapaslarynyň üstüni dolduryрdyrlar.

Ruslar 1880-nji ýylyň sentýabrynda Gyzylarbady almagy göz öňünde tutupdyrlar. 1881-nji ýylyň martyna çenli beýleki güýçleri hem Gyzylarbada jemlemeli eken. 1881-nji ýylyň aprelinde Börmäni, sentýabrda hem Duruny almaly, diňe şondan soň aňyrlygyna Gökdepä gitmeli eken. Emma Skobelew bu plana eýerjek bolup durmandyr. Çaltlyk bilen öňe süýşüpdir. Eýýäm 1880-nji ýylyň 31-nji maýynda Bendesene gelip ornaşypdyr.

Goçda ruslar ekin saklaýan ýaşulyny ýesir alypdyrlar. Ol Gyzylarbadyň, Goçuň, Zawyň, Gyzylçeşmäniň, Bamynyň ilatynyň ruslaryň çozjagyny eşidip, bir aý mundan ozal göçüp gidendiklerini aýdypdyr.

Skobelew Hojagaladan Bendeseniň üsti bilen artilleriýa üçin ýalňyz gowy ýoluň bardygy üçin Bamyny eýelemegi ýüregine düwüpdir. Bamynyň eýelenmegi bilen oazis iki bölege bölünipdir we uruşýan ýerli ilat galla oragy bilen meşgullanmakdan mahrum bolupdyr. Munuň üstesine hem Bamy Gökdepe galasyna Gyzylarbada garanda 50 wýorst golaý bolupdyr. Bamyda rus goşunlarynyň öz tylyny tekelerden goramagy üçinem gowy şertler bar eken.

Skobelew Türkmenistana gelenden soň 34-nji günde Bamy eýelenipdir. Şeýlelikde onuň goşunlarynyň öň hatarlary Gökdepäniň 112 wýorst golaýyna gelip, hut şol «günüň ertesi tekeleriň taşlap giden ak ekinlerini arkaýyn ýygnamaga başlapdyrlar. Bu bolsa goşunlaryň azyk üpjünçiligini gowulandyrypdyr. Skobelew Namangandaky tejribesine daýanyp, zapas çörek bişirdip

başlapdyr.

Ruslar Bamyny eýeländen soň, Diňlidepede maslahat geçirilipdir. Köp adamlar ilatyň guma tarap çekilmegine rugsat berilmegini talap edipdirler. Parahatçylyk islänler bolupdyr. Ýöne gepe çeper Gurbanmyrat işan, Rahmanberdi işan[1], Magtymguly han dagy öz diýenlerini etdiripdirler. 1879-njy ýyldaky ýeňişlerine salgylanyp, galany alyp bolmajakdygyny tassyklapdyrlar. Galada galmagy, uruşmagy gazanypdyrlar. Gökdepe galasy şol wagtlaram doly gurlup gutarylman eken. Ýöne onuň gurluşygy gaty gyssagly dowam etdirilipdir.

Skobelew goşunyň hereketsiz ýatmagyny ýol bermesiz zat hasap edipdir. Ýene öňe süýşmegini dowam etdiripdir. Ol 1880-nji ýylyň 1-nji iýulynda ýanyna 800 atly, 10 top, 8 raketa stanogyny alyp, Gökdepäni barlap görmek üçin ýörişe çykypdyr. Börmede, Arçmanda bolupdyr. 5-nji iýulda bolsa Gökdepe galasyndan 12 wýorstlikde ýerleşýän Ýegenbatyr galasyny eýeläpdir. Maýor A. Wereşagini ýanynyň 70 adamy bilen bu ýerde galdyrypdyr. Oňa galany goranmaga taýýar etmegi tabşyrypdyr. Özi bolsa beýleki goşunlary bilen Gökdepäni barlamaga gidipdir.

Tekeler Skobelewiň öňünden köp atly hem pyýada goşun çykarsalaram, olara zeper ýetirip bilmändirler. Skobelew gije sagat dördüň ýarynda Sekizýaba Ýaňgalanyň alkymyna gelipdir. Sagat dörtde Diňlidepäni topa tutup başlapdyr.

Toply, uzaga atýan kämil ýaragly goşun bilen tekeleriň güýji deň gelmändir. Pyýada goşun hem, atly goşun hem ruslaryň ok ýeterine baryp bilmändir. Ruslar nirä gitseler, uzak aralykdan olaryň yzyna düşüp ýörmekden başga çäre tapmandyr. Skobelew ýitgi çekmän diýen ýaly agşam ýene Ýegenbatyr galasyna dolanyp gelipdir.

[1]Grodekow hem, Spolatbog hem şeýle ýazýar. Ýöne Kerimberdi işan bolsun gerek — awt.

Durun bilen Ýegenbatyr galasynyň aralygynda başga goşun ýokdugyna göz ýetiren Dykma serdar 6-njy iýulda gije ruslaryň üstüne çozmakçy bolupdyr. Tekeler rus goşunlarynyň tylyna aýlanypdyrlar. Garrykäriz galany eýeläpdirler. Ruslaryň yza çekiljek ýoluny kesmek üçin, Dykma serdar Gulbatyr serdary 600 atly bilen ugradypdyr.

Dykma serdar eýelejek punktlaryny eýeländen soň, gala habar beripdir. Pyýada goşuny iki kolonna edip sürmegi buýrupdyr. Bir kolonna Öwezdurdy serdaryň baştutanlygynda gum tarapdan, ikinji kolonna Nurmämmet serdaryň ýolbaşçylygynda dag tarapdan hereket edipdir. Gum tarapdan gelýänler barmaly ýerine öz wagtynda barypdyr. Dag tarapdan gelýänler bolsa ruslaryň saklawyna uçrap, aňryk hereket edip bilmändirler.

Onsoň Dykma serdar öz atlylary hem Öwezdurdy serdaryň pyýada goşuny bilen rus goşunlarynyň elli ädim golaýyna barýar. Ýöne dag tarapdan gelmeliler-ä gelenok, gum tarapdan gelenleriňem köpüsi gorkup yzyna gaýdýar. Rus lageri şeýle ümsümlik bolansoň, Dykma serdar hem çozmaga ýürek edip bilmeýär. Aslynda-da Diňlidepedäki hanlar güýçlerini ýitirmejek bolup, bary-ýogy 2.000 pyýada goşun iberen ekenler.

Şol gije tekeler hüjüm eder öýdüp, ruslar hem biçak gorkupdyrlar. Maýor Wereşagin tekeleriň duýdansyz çozmagynyň öňüni almak üçin, giden meýdanyň baglaryny çapdyryp, galanyň daş-töweregini ýalazy meýdan edip goýupdyr. Soldatlara seslerini çykarman, hüjüme garaşmak buýrulypdyr.

Soň Dykma serdar özleriniň gaty golaý barandygyny, ýöne rus goşunlarynyň şeýle ümsümliginden heder edip, dökülip bilmändiklerini, eger şol wagtlar ruslar tarapyndan ýekeje tüpeň sesi eşidiläýse, gürrüňsiz çozjak ekendiklerini gürrüň berenmiş. Eger şol gije tekeler köpçülikleýin dökülen bolsalar, olaryň az sanly rus goşunlaryny mynjyradyp taşlaýmagy mümkin eken.



Surat 6.1: Dykma serdar

Rus goşunlarynyň Ýegenbatyr galasyny eýelän güni Gökdepä Marydan Berkeli hanyň baştutanlygynda 800 atly gelipdir. Saryklardanam Legank hanyň ýolbaşçylygynda 150 atly gelipdir. Olar hem söweşe gatnaşypdyrlar.

6-njy iýulda tekeler kän zyýan çekmändirler. Öli hem ýaraly 45 adam ýitiripdirler. Marydan gelenler 5, saryklar hem 2 adam ýitiripdirler. Ýöne 7-nji iýulda Arçmana tarap yza çekilýän rus goşunlaryny yzarlanlarynda türkmenler 200-e çenli adam ýitiripdir. Ahalyň belli adamlaryndan bäherdenli Hudaýýar han, börmeli Allanur bilen Nefes-Karabelah[2], Marydan gelen Berkeli han ölüpdir.

[2]Grodbkow şeýle ýazýar. Belki, Nepes Garabally ýa-da Nepes Garabeladyr. Nepes Garabalak bolmagam mümkin — awt.

Gökdepe galasynyň gurluşygy diňe Skobelewiň 6-njy iýuldaky çozuşynyň öň ýanynda doly gutarylypdyr. Gökdepe galasyny öwrenmek üçin ruslar telim gezek barlag geçirip, galanyň planyny telim gezek çekipdirler. Ýesirlikden gaçan rus soldaty Petiniň maglumatlary esasynda galanyň içiniňem takmyny planyny çekipdirler. Ýöne galanyň instrumental takyk ölçegi 1881-nji ýylda geçirilipdir.

Grodekow «Türkmenistanda bolan uruş» diýen kitabynda gala hakda iki ýerde maglumat berýär. Ol ilki göz çeni bilen geçirilen ölçeglere salgylanyp şeýle ýazýar:

«Aýgytly hüjüme geçiljek döwre çenli biziň duşman galasy hakdaky maglumatlarymyz , şunuň ýalydy.

Diňlidepe daşyna diwar çekilen dörtburçlukdan ybarat. Onuň taraplarynyň uzynlygy: ab 366 sajen[1], cd 294 sajen, bd bilen ac-iň her haýsy 600 sažen. Ac-den beýleki taraplaryň hemmesi göni çyzyk formasynda bolup, diňe ac-iň ortasy galanyň içine halka şekilinde çala egrelipdir.

1879-njy ýylda diňe cd ganaty burçundan başlap suwly ýaba çenli gurlupdyr; burçuň golaýynda açyk giňişlik bar; tutuş diwar köne eken, käbir ýerleri ýykylypdyr; galanyň iç ýüzünde garym ýok.

1879 – 1880-nji ýyllaryň gyşynda Diňlidepede hiç kim ýaşamandyr.

1880-nji ýylyň maýynda biz Bamyny eýelemek üçin Duzlyolumdan çykyp ugranymyzda tutuş oazisiň ilaty Diňlidepä ýygnanypdyr we iýul aýyna çenli berkitme gurlup gutarylypdyr, diwarlary bolsa çyzgyda görkezilen derejä ýetirilipdir.

Galanyň diwarlary 2 sažene çenli beýiklikdäki üýşürilen gumdan ybarat; onuň galyňlygy düýbünde 5 sažene çenli, ýokarsyn-

[1]Sažen – 3 arçyn ýa-da 2,13 metr.

da 2,5 sažene ýetýär. Üýşürilen gumuň daşyna toýun pagsa geýdirilipdir. Diwaryň üstünde onuň iki erňegindenem beýikligi 2 arçyn[2] palçyk diwarjyk galdyrylypdyr, daşky diwarjygyň galyňlygy 1,25 arçyn, içki diwarjygyňky 1 arçyn. Daşky diwarjykda her arçyn ýarymdan tüpeň atmak üçin 3 werşokdan[3] ybarat gözara ýasalypdyr. Diwaryň iç ýüzünde ýokary çykmak üçin gaty ýygy-ýygydan basgançak ýasalypdyr, özem ol ýapgyt basgançaklar bir adam geçer ýaly edilip ýasalypdyr. Galanyň daş ýüzündäki garym tutuş diwarlaryň daşyna aýlanýar. Garymyň çuňlugy hemme ýerde deň däl. A burçunda hem umuman ac we cd taraplarynda 2 sažene ýetýär, ab tarapynda, aýratynam b burçuna golaý ýerlerde 1 sažene ýetýär, bc tarapynda bolsa 1-den 2 sažene çenli ýetýär. Garymyň ýokary erňekleriniň giňligi 2 – 2,5 sažen. Garymyň içki hem daşky raýyşlary kert. Garymyň raýyşlary ýykylmaz ýaly basgançak ýa-da aýmança ýasalmandyr, diwaryň hem daşky garymyň raýyşy çala eňňit bolup gidýär.

Galanyň iç ýüzündäki garymyň giňligi 7 sažen, çuňlugy bolsa 1 saženden 2 sažene çenli. Içki garym galanyň diwarlaryny bejermek, galňatmak hem beýgeltmek üçin 1880-nji ýylyň baharynda gazylypdyr.

Galanyň 9 çykalgasy bar. Olaryň giňligi köplenç ýerde 2 saženden 2,5 sažene çenli. Çykalgalaryň garşysynda garymyň daşky erňeginden alty ädimlikde 1 arçyn galyňlykda, 3 arçyn beýiklikde, uzynlygy çykalganyň giňliginden has artygrak palçyk diwar bar. Çykalgalaryň derwezesi ýok. Garymyň üstünde köpri gurulmandyr, diňe her çykalganyň garşysynda 1,5-den 2 arçyna çenli inlilikde böwet goýlupdyr, diňe çykalgalaryň birindäki böwet top arkaýyn geçip biler ýaly giňlikde goýlupdyr. Galanyň içki garymyndaky böwetler daşky garymyňkydan giň.

---

[2] Arçyn — 0,74 metr.
[3] Werşok — 4,4 sm.

Galanyň içi käte çala oýtaňrak ýerleri bolan düzlük meýdan. A hem s burçlaryň töweregi birneme alaňrak. Diňlidepe ab hem as taraplardan 100 saženlikde ýerleşýär. Onuň beýikligi 10 sažene ýetýär. Depäniň üstünde daş-töweregi garymly top bar. Galanyň içi maşgalalaryň okdan goranmagy üçin başly-barat gazylan çuň tümlerden doly.

Diňlidepeden 100 sažen günortarakda her tarapy 26 sažen bolan inedördül gala bar. Onuň palçykdan hem daşdan salnan diwarynyň beýikligi 2 sažene, galyňlygy 1 arçyna ýetýär, onda gözaralar hem galanyň üstüne çykmak üçin ýörite çykalgalar ýok. Galanyň inliligi arçyn ýarym bolan agaç derwezesi bar. Galanyň daşyna ýalpak garym çekilipdir.

Gala Sekizýapdan suw gelýär. Ýabyň iki goly bar, olaryň ikisi hem Diňlidepeden aňrylygyna çykyp gidýär. Olaryň suwuny aňsatlyk bilen sowmak boljak. 1880-nji ýylyň baharynda galanyň ilaty b burçunyň golaýyndaky oýtaňrak ýerde diametri 1 saženden artygrak, ýapgyt aýmançasy bolan guýy gazypdyr. Guýudan içmäge ýaramly suw çykypdyr».

Soňra Grodekow 1881-nji ýylda instrumental ölçegler esasynda alnan has takyk maglumatlary getirýär:

«Diňlidepe nädogry, süýnmek formadaky dörtburçluk gala. Taraplarynyň uzynlygy: günbatar ganaty 675 sažen, demirgazyk ganaty 420 sažen, gündogar ganaty 720 sažen, günorta ganaty hem 240 sažen. Tutuş perimetri (daş-töwe-reginiň uzynlygy) 4 werst[4] 55 sažen. Demirgazyk ganatyn-da 3, günbatar ganatynda 9, günorta ganatynda 1, gündogar ganatynda hem 8 çykalgasy bar. Käbir çykalgalar daş ýüzünden ullakan ýarym aýlaw gaçy bilen penalanypdyr, bu bolsa daşky garymy gapdaldan goramaga mümkinçilik berýär. Çykalgalaryň giňligi 1 saženden 2 sažene

[4]Werst – 1,06 km.

çenli. Daşky garymyň çuňlugy 6 futdan[5] 9 futa çenli, onuň daşky erňeginde basgançaklar hem aýmançalar ýasalypdyr. Garymyň giňligi 12 futdan 17 futa çenli.

Daşyna palçykdan pagsa geýdirilip, gum üýşürilip ýasalan galanyň diwary garymyň düýbünden başlanýar we beýikligi 14 futa ýetýär. Galanyň diwarynyň aňry ýüzünde birgiden çukurlykdan ybarat içki garym bar, onuňam ölçegi daşky garym bilen barabar diýen ýaly. Diwaryň galyňlygy düýbünde 5 sažene, ýokarsynda bolsa 3 saženden 4 sažene çenli ýetýär, özem hemme ýerde diýen ýaly guşaklyga ýetip duran içki hem daşky aýmançalar bilen jäheklenipdir. Içki aýmançalar duşman galanyň içine kürsäp uran pursatynda peýdalanmak üçin ýasalypdyr. Ähli Orta Aziýa galalarynda bolşy ýaly, duşman gala aralaşan pursatynda dowamly goranmak üçin niýetlenen şol aýmançalarda gözaralar goýlupdyr.

Diňlidepäniň içi tekiz meýdan. Onuň demirgazyk-günbatar burçunda 7 sažen beýiklikdäki gumdan galdyrylan depe bar. Depeden birneme günortarakda kiçijik gala bar. Galanyň demirgazyk-gündogar burçunda bol süýji suwly guýular gazylypdyr».

Soňra Grodekowyň bu maglumatlaryny A. N. Kuropatkin hem «Türkmenistanyň basylyp alynmagy» diýen kitabynda şo durşuna diýen ýaly gaýtalaýar.

Galanyň içine ýygnanan ilatyň we öýleriň sany barada rus harby işgärleri dürli döwürlere degişli dürlüçe maglumatlary getirýärler. Grodekow bir ýerde: «Galanyň içi öýlerden doludy, olaryň sany 13.000-e ýetýärdi; öýleriň arasynda demirgazykdan günorta tarap giň ýol goýlupdyr» diýip ýazýar. Başga bir ýerde galadaky öýleriň, çatmalaryň sanynyň 15.000-e golaýdygyny aýdýar. Ýene bir ýerde galadaky ilatyň 14.000 öýlüdigini ýazýar. Her öý başyna 5 adamdan hasap edip, galadaky ilatyň sanyny

[5] fut – 30,48 cm.

aýallardyr çagalar bilen bilelikde 70.000 hasaplaýar. Ýarag götermäge ukyply adamlary 14.000 hasaplaýar. Ýöne ol gala göçüp gelýän maşgalalaryň sanynyň köpelýändigini, şonuň üçinem Diňlidepäniň ähli ilatynyň 100.000-denem geçjekdigini ýazýar. Marydan gelen adamlar bilen bilelikde ýarag götermäge ukyply adamlaryň sanyny bolsa 25 – 30 müňe ýetirýär. Başga bir ýerde bolsa galadaky erkek adamlaryň sanyny 12 müň hasaplaýar. Skobelewiň 1880-nji ýylyň 6-njy iýulyndaky çozuşy wagtynda galada 18 müň maşgalanyň, 25 müňe çenli goraýjynyň bolandygyny tassyklaýar.

Gökdepe galasyndaky tekeleriň sany hem ýaraglanyşy barada Grodekow şeýle ýazýar: «Gökdepedäki goraýjylaryň sany 30.000-e çenlidi, olardan atly goşun 10.000-e çenlidi, galada ýaşaýan ähli ilatyň sany bolsa 45.000-e ýetýärdi. Goraýjylaryň 5.000-e golaý tüpeňi bardy, olardan 600-si tiz atýan tüpeňdi, 6 funt kalibrli bir mis top we iki sany stanokly çoýun zemburek bardy. Sowuk ýarag, gylyç hem naýza goraýjylaryň hemmesinde bardy».

Spolatbog Gökdepä 25 müň maşgalanyň ýygnanandygyny, marylylary, çarwalary, alilileri hasap etseň, galada 35 – 40 müň adamyň bolandygyny ýazýar.

W. N. G. diýip gol çeken biri şeýle ýazýar: «Diňlidepäni goramak üçin otrýadyň üstünden geçip gaýdan obalarynyň ähli ilaty aýallary we çagalary, emlägi we azygy bilen şol ýere ýygnanypdy. Olaryň umumy sany 30.000-e ýetýärdi. Biz bu sany obanyň kwadrat sažen hasabyndaky meýdanyna paýlasak, onuň tutýan meýdanynyň her 4 kwadrat saženine üç adama golaý düşýändigini bileris: şundan hasap tutanyňda, obanyň öýden hyryn-dykyndygy baradaky netijä gelmek mümkin. Eger ilatyň umumy sanyndan aýallardan ybarat ýarpysyny aýyrsak, galan ýarpysyndanam garrylardyr çagalara düşýän dörtden bir bölegini aýyrsak, alan 7.500 sanymyz galany goraýjy uly adamlaryň

takmynan sanyny aňladar. Ýöne galany goraýjylaryň hakyky sany has köpdi, sebäbi söweşlere diňe 16 – 17 ýaşly ýetginjekler däl, hatda aýallaram gatnaşýardy».

Başga bir ýerde W. N. G. şeýle ýazýar: «Obanyň ilatynyň umumy sany 45.000 diýip hasaplanýardy, olardan 20.000-si söweş esgeridi, geçen ýylda bolşy ýaly, söweşlere hatda 14 – 15 ýaşly çagalaram gatnaşýardy».

Galanyň ilatynyň 45 müň töweregi bolandygy, uruşmaga ukyply adamlaryň 20 – 25 müň adam bolandygy, urşa hatda 14 – 15 ýaşly çagalaryňam gatnaşandygy başga-da köp çeşmelerde agzalýar.

Skobelewiň 1880-nji ýylyň 6-njy iýulyndaky çozuşyndan soň, galadaky ýagdaýlar has çylşyrymlaşýar. Syçmazlar bilen begler galany taşlap, guma göçmegi talap edipdirler. Wekiller bilen bagşydaşaýaklar bolsa uruşmagyň tarapynda durupdyrlar. Bu ýagdaý Magtymguly hanyň täsirini belli-külli gowşadypdyr. Ýörite maslahat çagyrylypdyr. Dörthanlylyk döräpdir. Daşary meselelerde Magtymguly hana sarpa goýulsa-da, ol il ýüzüne ähli tekäniň hany hasaplansa-da, içki meseleleri her tiräniň özi çözmeli edipdirler. Wekillere Magtymguly han, syçmazlara Mämmetguly han, beglere Orazmämmet han, bagşydaşaýaga Hezretguly han han saýlanypdyr. Syçmazlar göçmeli diýip aýak depip duransoňlar, uruşmagyň tarapdary Mämmetguly han Dykma serdar bilen Gurbanmyrat işanyň zor salmagy netijesinde han saýlanypdyr.

Her han öz tiresine baştutanlyk edipdir, her han galanyň öz tiresi tarapyndan salnan ganatyny gorapdyr, her han öz tiresiniň galadan göçüp gitmezligi üçin jogap beipdir. Ýurt üçin şeýle agyr pursatda ilhanylary bilen arany bozmazlyk üçin, parslaryň üstüne alamana gitmezlik karar edilipdir. Allaberdi şyhdan, Şükür helilden, Mahytdan[1] hem Garagandan[2] ybarat hormatly wekiller iberilýär. Olar Ruhnut Döwleden şu kyn pursatda çozmazlygy haýyş edipdirler. Özleriniňem ýekelikde-de alaman etmejekdiklerine söz beripdirler.

Wekiller Ruhnut Döwle Tährandan jogap alýança, Maşatda dokuz gün bolupdyrlar. Ruhnut Döwle Tährandan jogap alyp, teke wekillerine şahyň ähli ilhanylara Ahal bilen il bolmagy buýrandygyny aýdypdyr. Özem tekeler tarapyndanam ýekeje-de alamanyň bolmazlygyny talap edipdir.

Şondan soň tekeler Eýrana arkaýyn gidipdirler, gurşun, peşeň

[1]Spolatbog şeýle ýazýar. Belki, Mahmytdyr — awt.
[2]Spolatbog şeýle ýazýar. Belki, Gara handyr — awt.

satyn alypdyrlar. Iki gezek däri alypdyrlar.

Maşada giden hormatly wekiller iňlis agenti Apbas han bilenem duşuşypdyrlar. Grodekowyň tassyklamagyna görä, tekeler iňlislere janlaryny ynanmandyrlar. Hindistandan ermeni söwdagäri bolan bolup gelen iňlis polkownigi Stýuart hem, kapitanlar Gill bilen Botler hem tekeler bilen gatnaşyk açyp bilmändirler. Tekeler iňlis adamy bolan bolup ruslar öz aralaryna aralaşar öýdüp gorkupdyrlar. Şonuň üçinem tekeler diňe Apbas hana ynanypdyrlar. Sebäbi, birinjiden, ol musulman bolupdyr, ikinjiden, ony tutuş Maşat tanapdyr, üçünjiden, Maşada gelýän adamlar ony iňlis hökümetiniň adamy, iňlis konsuly hökmünde tanapdyrlar. Ol iňlisleriň tekelere goşun kömegini berjegini aýdypdyr. Ýöne tekeler iňlislerden Apbas hanyň şol gezek Magtymguly hana sowgat iberen dürbüsinden hem rewolwerinden başga hiç hili kömek almandyrlar.

Tekeler ruslaryň Eýrandan azyk çekýändiklerini bilipdirler. Olaryň skladlarynyň nirelerdedigini hem bilipdirler. Olar ruslaryň azyk skladlaryny talap biljek ekenler. Ýöne Eýrany öjükdirmejek bolup, ne Eýrandan azyk çekýän rus kerwenlerine päsgel beripdirler, ne azyk skladlaryny talapdyrlar.

Tekelerde ruslaryň güýji hakda anyk maglumat bolmandyr. Dürli «myş-myşlar» ýaýrapdyr. Gökleňler we rus goşunlaryna hyzmat edýän jigitler ruslaryň 100 topunyň bardygyny habar beripdirler. Dykma serdar bolsa özüniň diňe 12 top görendigini, ýöne olaryň gaty çalt atýandygyny, şonuň üçinem 100 topmuka diýdirýändigini tassyklapdyr. Ýöne onuň bu maglumatyna ynanmandyrlar. Şeýle-de bolsa tekeler köp wagtlap Skobelewiň bar güýji onuň 6-njy iýuldaky çozuşyna gatnaşan goşundan ybaratdyr öýdüp gezipdirler we bu ýagdaý olaryň ruslara garşy uruşmagy ýüregine düwmeginde belli derejede rol oýnapdyr.

1880-nji ýylyň 30-njy iýulynda tekeler 4.000 pyýada goşun

bolup hüjüme çykýarlar. 600 sany maryly hem saryk atlysy-da olara goşulýar. Pyýada goşun iki bölege bölünipdir. Bir bölegine Hezretguly han bilen Öwezdurdy han serdarlyk edipdir. Bu bölegiň öňünde Bendeseni almak wezipesi goýlupdyr. Ikinji bölege Gurbanmyrat işan bilen Orazmämmet han serdarlyk edipdir. Bu toparyň wezipesi Bamy bilen Bendeseniň aralygyndaky telegraf aragatnaşygyny bozmakdan, Bama çozup, ol ýerdäki garnizony ýok etmekden, ol ýerdäki toplary ele salmakdan ybarat bolupdyr. Dykma serdaryň atlylary Hojagalany almaly eken. Atlylaryň bir bölegi bolsa Bama çozjak pyýada goşuna kömek etmeli eken.

Ýöne pyýadalar ruslar ýene Gökdepä çozjakmyş diýen habary eşidip, çagalaryny goramak üçin yzyna, gala gaýdypdyrlar. Dykma serdar öz atlylary bilen Hojagala çozupdyr. Ýöne ony alyp bilmändir. Diňe mal sürüp gaýdypdyr.

Awgustyň ahyrlarynda ruslar jansyzlaryň üsti bilen Gökdepedäki tekeleriň ruslaryň üstüne çozmak üçin uly taýýarlyk görýändigini eşidipdirler. 3-nji sentýabrda bolsa jansyzlar 600 atlydan, 600 pyýadadan ybarat toparyň Mihaýlow liniýasyna ýetmek üçin ugrandygyny habar beripdirler.

Mundan başga-da Öwezmyrat serdar Batagyň, Gulbatyr serdaryň toparlary Bendesene, Hojagala tarap hereket edipdirler. Emma olar üstünlik gazanyp bilmändirler. Grodekowyň tassyklamagyna görä, tekeler her gezekki çaknyşykda ruslardan 5 – 6 esse köp ýitgi çekipdirler.

Tekeleriň 14-nji sentýabrda Gazanjyga eden çozuşy hem şowsuz gutarypdyr. Şonda 10-njy sentýabrda Gökdepeden çykan tekeleriň hemmesi 1.000 adamdan kän däl eken, özem esasan Gökdepe bilen Bamy aralygyndaky obalaryň adamlary eken.

Tekeler ruslaryň üstüne çozup üstünlik gazanyp bilmänsoňlar, esasy ünsüni kerwen talamaga, Gökdepe galasyna göçüp gelmekden, ruslara garşy uruşmakdan ýüz dönderen nohurlary

talamaga beripdirler. Dykma serdar Nohury weýran etmäge, ilatyny bolsa zor bilen Gökdepä göçürip getirmäge kasam edipdir. Ýöne ruslar nohurlara wagtynda kömege ýetişipdirler.

Tekeler ýeke-täk ýa-da kiçijik toparlar bolup, gijelerine ruslaryň üstüne duýdansyz çozup durupdyrlar. Olar gylyçlaryny agyzlaryna alyp, ýalaňaç gelýär ekenler. Rus soldatlarynyň üstüni gapyl basyp, öldürýär hem ýaragyny alýar ekenler. Ýöne olar beýle batyr hereketleri üçin köplenç janlaryndan geçmeli bolupdyr.

Ruslaryň kem-kemden öňe süýşmegi, olara garşy çozuşlaryň şowsuzlyk bilen gutaryp durmagy galany goraýjylary ruhdan gaçyryp başlapdyr. Marylylar ruhdan duşüp, yzlaryna gaýdypdyrlar. Gökdepe galasyny taşlap gitmeli diýýän adamlar barha köpelipdir. Mara, Saragta, Hywa, Eýrana göçmegiň gürrüňi edilipdir. Hatda tekeleriň bir bölegi galany taşlap gidipdir. Kuropýatkiniň tassyklamagyna görä, oktýabr aýynda 1.000 öýli Tejene, 1.500 öýli Mara göçüpdir.

Oktýabr aýynda dört han ýörite maslahat geçirmäge, ilatyň galadan göçüp gitmezligi üçin gaty berk çäreler görmäge mejbur bolupdyr. Göçýänleri saklamak üçin 800 atly bellenipdir. Olara galadan gaçyp gidenleri zorluk bilen yzyna gaýtaryp getirmäge, olaryň emlägini özlerine almaga hukuk berlipdir.

Maslahat galada galmagy hem goranmagy karar edipdir. Onda ekin ekmek üçin ýer sürmelimi-dälmi diýen meselä hem seredilipdir. Gapma-garşylykly pikirler orta atylypdyr. Ýöne Maşatdan Apbas hanyň iňlisleriň kömek berjekdigine umyt döredip ýazan hatynyň okalmagy bu meseläniň oňyn çözülmegine sebäp bolupdyr. Gökdepe bilen Gäwers aralygynda hemme ýerde ekin ekilipdir.

Goranmagy pugta ýüregine düwen tekeler Gurbanmyrat işany kömek soramak üçin Mara iberipdirler. Olar kömek sorap

Hywa hanyna hem hat ýollapdyrlar. Seýit Muhammetrahym han tekeleriň hatyny Amyderýa bölüminiň naçalnigi polkownik Grotengelme iberýär. Grotengelm hana tekelere Skobelewiň gaharyny getirmän, Ak Patyşanyň rehimdarlygyna boýun synmagy maslahat bermegi tabşyrypdyr. Han şeýle hem edipdir.

Tekeler kömek sorap Hywa ýomutlaryna hem ýüz tutupdyrlar. Ýöne olar Hywa hany biziň kömek berjek bolýanymyzy bilen badyna bu hakda ruslara habar berer, olaram biziň öýümizi başymyza ýumrar diýip, ruslardan howatyr edýändiklerini aýdypdyrlar.

Käbe hojany tekeler Büjnürt hany Ýarmämmet hanyň ýanyna kömek soramaga iberipdirler. Ýarmämmet han diňe tekeleriň dört hanynyň biri gelse resmi jogap berjekdigini aýdypdyr. Resmi däl suratda bolsa ýa ruslar bilen ýaraşmagy, ýa-da gaçyp gitmegi maslahat berýärin, ýogsa baryňyz —gyrlarsyňyz diýip jogap beripdir.

Aşgabat bilen Gökdepäniň garşysynda ýaşaýan Şuja ud-Döwle wagtdan peýdalanmagy, tekeleriň malyny talamagy ýüregine düwüpdir. Pöwrizäniň üsti bilen uly alaman etmekçi bolupdyr. Munuň üçin 1.500 atly, 2.000 hem pyýada goşun toplapdyr. Ýöne Skobelew oktýabr aýynda tekeleriň göçmäge bolan meýliniň artýandygyny bilip, olar göçüp gider öýdüp gorkupdyr. Şonuň üçinem bu wagt tekeleriň üstüne alaman etmegiň wagty däl diýip, ruslaryň Eýrandaky wekili Zinowewiň üsti bilen Şuja ud-Döwläniň alamana gitmegini goýbolsun etdiripdir.

Hakykatdanam, tekeleriň galany taşlap gitmek meselesi ruslary hem olaryň özünden pes biynjalyk etmändir. Olar tekeler göçüp gider öýdüp gaty gorkupdyrlar. Sebäbi bu ruslaryň ähli planyny puja çykarmak howpuny salypdyr.

Rus goşunlarynyň 1879-njy ýylda Gökdepe galasynyň eteginde ýeňlişe sezewar bolmagy olaryň ýagdaýyna uly täsir edip-

dir, rus goşunlarynyň ýeňilmezdigi hakdaky pikiriň düýbüne palta urupdyr. Adamlaryň aňynda hut şeýle pikiriň pugta ornaşandygy sebäpli ruslar azajyk goşun bilen bütin Türküstanda asudalygy saklap gelipdirler. Şonuň üçinem Skobelew parahatçylykly ýol bilen näçe territoriýa eýelense-de, rus goşunlarynyň abraýyny dikeldip bilmez diýip hasap edipdir, tekelere berk jeza bermegi, rehimsizlik bilen gyrmagy ýüregine düwüpdir. Tekeleriň Gökdepe galasyna ýygnanmagy bolsa muňa iňňän amatly şert döredipdir. Olary bir zarbada derbi-dagyn etmäge mümkinçilik beripdir.

Ikinji tarapdan bolsa, general Kuropatkiniň tassyklaýşyna görä, tekeleriň Mara ýa-da Tejene çekilmegi uruş möhletiniň uzalmak, Türkmenistanyň ikinji Kawkaza öwrülmek howpuny salypdyr. Şonuň üçinem Skobelew tekeler galadan giderler öýdüp gaty gorkupdyr, olaryň gitmezligi üçin elinden gelen ähli çäreleri görüpdir. Ol Şuje ud-Döwläniň alamanyny hem şol sebäbe görä goýbolsun etdiripdir.

Skobelew Gökdepe galasynyň alynmagyna tutuş oazisiň boýun etdirilmegi hökmünde garapdyr, şondan soň tekeleriň garşylyk görkezmäge moral güýç tapmajakdygyny bilipdir.

Gökdepe bilen Gäwers aralygyndaky ilatyň ýer sürüp, ekin ekmäge başlamagy, ruslary birneme arkaýynlaşdyrypdyr. Olar muňa tekeleriň galany taşlap gitmek niýeti ýok diýen manyda düşünipdirler.

Noýabryň ortalarynda Gökdepe galasyna hüjüme gatnaşjak goşun otrýadlary Bama gelip başlapdyr. Bamydan çykyp hüjüme gitmeli esasy güýçleriň birinji kolonnasy 26-njy noýabrda şol ýere jemlenipdir. Ol kolonna 26 rotadan, 3,5 ýüzlükden, 67 topdan ybarat eken. Birinji kolonna Bamydan çykandan soňra hem bu ýere goşunyň jemlenmegi dowam edipdir.

30-njy noýabrda rus goşunlary Gökdepeden 12 wýorstlik-de ýerleşýän Ýegenbatyr galasynda peýda bolupdyrlar. Birinji dekabrda bu ýere 2.000 adam 15 günlük azygy bilen jem bolupdyr. Otrýadyň 700.000 patrony, dürli toplar üçin 6.704 snarýady, 2.000 sany sapýor guraly bar eken.

Ruslar Ýegenbatyr galasyny eýelänlerinden soň, alty aýyň dowamynda olaryň daýanç punkty bolup hyzmat eden Bamy öz harby, strategiki hem söweş ähmiýetini ýitiripdir. Skobelew kem-kemden ähli güýçlerini Ýegenbatyr gala jemläp başlapdyr.

Skobelewiň goşunlarynyň Ýegenbatyr galasyny eýelemegi şeýle bir garaşylmadyk ýagdaý bolupdyr, hatda tekeler goýun sürülerini hem äkitmäge ýetişmändirler. Ruslar müňläp dowar olja alypdyrlar.

Ýegenbatyr galasyndan hüjüme geçilmegi intendant, artilleriýa hem gospital serişdeleriniň jemlenmegine bagly bolupdyr. Skobelew Ýegenbatyr galasyndan aýgytly hüjüme bu ýere 4.000 pyýada goşun, 47 top, 9 sany ýüzlük kazak, 2 eskadron dragun, goşunlar üçin 2 aýlyk azyk, her bir tüpeňe 300 ok, her bir topa 3 komplekt snarýad toplanandan we 4-nji gospitalyň bir bölümi getirilenden soň başlamagy ýüregine düwüpdir. Şonuň üçinem Ýegenbatyr galasyna goşunlaryň jemlenmegi bilen bir wagtda bu ýere Bamydan azyk daşamak işi hem dowam etdirilipdir.

Ruslar Ýegenbatyr galasyny eýelänlerinden soň, tekeler olar ýüzüniň ugruna hüjüme geçerler öýdüpdirler. Ýöne olar hüjüme

geçmänsoň, 1-nji dekabrda özleri hüjüme geçipdirler. Atyşykdan soň, agşam ýene gala dolanypdyrlar.

4-nji dekabrda rus goşunlary galanyň hem onuň töwerekleriniň topografiýasyny öwrenmek üçin hüjüme geçipdirler. Tekeler bilen bolan çaknyşykda 4 adam ölüpdir, 19 adam ýaralanypdyr. Agşam rus goşunlary yzlaryna gaýdanda, tekeler olaryň yzyna düşüpdirler. Ýöne şol wagt Aý tutulypdyr. Tekeler yzlaryna gaýdypdyrlar.

Ruslaryň Ýegenbatyr galasynda ornaşyp, häli-şindi barlag hüjümlerini geçirip durmagy, tekeleri ynjalykdan gaçyrypdyr. Dekabryň 12-sinden 13-ne geçilýän gije goňurlaryň galanyň daşynda ýerleşýän 1.000 maşgalasy Nurka-lauwyň[1] baştutanlygynda guma göçüpdir.

18-nji dekabrda ruslar baş barlag (generalnaýa rekognossirowka) hüjümini geçiripdirler. Oňa «generalnaýa» diýilmeginiň sebäbi dört sany general — Skobelew, Grodekow, Petrusewiç hem Annenkow — gatnaşypdyr. Şonda general Annenkow Ýaňgalanyň ýanynda golundan çalaja ýaralanypdyr.

Ýaňgala ruslar hem, tekeler hem uly ähmiýet beripdirler. Skobelewiň oňa uly üns bermeginiň sebäbi ol ýerden Germaba ýol açmak mümkin eken. Mundan başga-da ol Sekizýabyň ugrunda ýerleşipdir, obanyň eýelenmegi bilen suw meselesi çözülipdir. Tekeler bolsa ruslaryň Ýaňgala zor salýanyny görüp, olar muny galanyň suwuny sowjak bolup edýändirler öýdüpdirler.

Ýaňgalany syçmaz Mämmetguly han 2.000 pyýada goşun bilen gorapdyr. Ilki ol ýerde Dykma serdaryň atlylary hem bar eken. Ýöne soňra ol atlylaryny gala geçiripdir. Galadan bolsa Ýaňgalany goramak üçin ýene 2.000 pyýada nöker alypdyr. Ýöne olar bilen uzak gidip bilmändir. Mämmetguly han Ýaňgalany taşlapdyr. Dykma serdary bolsa rus artilleriýasy yzyna gaýtma-

[1]Grodekow «Nurkelau» diýip ýazýar. Belki, Nury kelewdir — awt.

# КРѢПОСТЬ ДЕНГИЛЬ-ТЕПЕ

## по распросамъ Петина и по глазомѣрной съемкѣ 1879 г.




КРѢПОСТЬ ДЕНГИЛЬ-ТЕПЕ
снятая инструментально въ 1881 году.
Профиль главной стѣны Крѣпости Денгиль-тепе по линіи C D.
B
C
D
ДЕНГИЛЬ-ТЕПЕ
Правофланговая
Туркестанская
Охотничья
Велико-Княжеская
Мельничная
УСЛОВНЫЕ ЗНАКИ
Кала.
Глиняные заборы въ 2½ фута высоты.
Текинския кладбища.
Башня.
Плотина
на углу мал. Подъяческой ул. д. № 94-2

ga mejbur edipdir. Ýaňgala goralanda Magtymguly hanam bar eken. Ol wekillere serdarlyk edipdir.

20-nji dekabrda Ýaňgalanyň ruslar tarapyndan eýelenmegi tekeleri gaty gorkuzypdyr. Olar uly maslahat geçiripdirler. Hemme kişi ruslar suwy sowar, suwsuz galarys diýen pikirde eken. Şonuň üçinem olar gyssagly suratda guýy gazyp başlapdyrlar. Olar ruslaryň suwy sowmak barada pikir etmeýändigine göz ýetirýänçäler on bir sany guýy gazypdyrlar. Soň gorky gaçyşypdyr hem guýy gazmak bes edilipdir.

21-nji dekabrda, Ýaňgalanyň alnan gününiň ertesi Mara kömek sorap giden Gurbanmyrat işan 2.000 atly alyp gelipdir. Marydan gelen atlylara Gajar Topaz han serdarlyk edipdir. Şol gün ruslaryň lageri Diňlidepeden 800 sajen aralykda eken.

Ruslar eýelän ýerlerinde garym gazyp ornaşypdyrlar. Tekeler olar ilkinji parallelden hüjüme başlar öýdüpdirler. Emma ruslar gala hüjüm etmäge howlukmandyrlar. Hem söweş bilen barlag geçiripdirler, galany, onuň töwereklerini öwrenmeklerini dowam etdiripdirler, hem galany gabamak niýeti bilen keseligine, dikligine garymlar gazyp, öňe süýşmeklerini dowam etdiripdirler.

22-nji dekabrda söweş bilen geçiren barlaglaryndan soň, ruslar Gökdepe galasyna onuň günorta-gündogar burçundan hüjüm etmek amatly diýen netijä gelipdirler. Sebäbi bu burç beýleki burçlardan ýiti eken. Bu bolsa galanyň günorta hem gündogar ganatlaryny gözegçilik astynda saklamaga we gabaw işlerini uzaga çekdirmän, iki gapdallaýyn ot açmaga mümkinçilik beripdir. Galanyň günorta ganatynyň garşysyndaky meýdan birneme alaňrak bolup, demirgazyga ýapgyt bolup gidýär eken we galanyň içine gözegçilik etmäge mümkinçilik berýär eken. Gündogar ganatynyň garşysyndaky meýdan bolsa aşak ýapgyt gaýdýar eken hem galanyň içini gözden gizleýär eken. Galanyň günorta tarapyndaky suwly hem gury ýaplar lager bilen gabaw işleri-

niň arasynda gizlin aragatnaşygy ýola goýmaga mümkinçilik beripdir. Gabaw işleriniň möhledini gysgaldypdyr. Mundan başga-da galanyň gündogar ganatynda diňe ýalaňaç diwardan ybarat gowşak ýeri bardyr öýdülip çak edilipdir. Galanyň şol ýeri ençeme ýerinden jaýryk atan eken.

Ruslar galany gabamak işlerini 20-nji dekabrdan başlapdyrlar. Ruslaryň birinji paralleli gazyp başlanlaryny gören tekeler olar muny gizlenmek üçin edýändirler öýdüpdirler. Sebäbi olaryň özleri hem pars galalaryny şeýdip gabar ekenler. Ruslaryňky ýaly uly garymlar gazmasalaram, gabawdakylaryň gözünden gizlenmek üçin çukurlar gazypdyrlar.

Emma ruslaryň birinji parelleli gazmagy gabawyň başlanmagyny aňladypdyr. Ruslar şondan soň garym gazyp, kem-kemden öňe süýşüp başlapdyrlar. Olaryň soňra nagym gazmak üçin çeken gizlin garymy galanyň daşyndaky garymyň edil alkymyna barypdyr.

Ruslaryň garymlar gazýanyny görselerem, tekeler olaryň maksadyna doly düşünmändirler. Orslar-a doňuz ýaly bar ýeri dörüp çykjak diýipdirler.

Tekeler galany taşlap gider öýdüp gorkýan Skobelew tekeleriň her bir hereketine eserdeňlik bilen üns beripdir. 22-nji dekabrda galadaky goh-galmagalyň köpelenini eşiden Skobelew tekeler galany taşlap göçüp gitjek bolýandyrlar öýdüpdir. Olar gaçyp giden halatyňda öňlerini kesmek üçin general Petrusewiçi Gökdepe galasynyň gara-görnüm gaýra-gündogarynda ýerleşýän Juma gala iberipdir.

Juma galanyň daşy baglyk eken. Özem ol ýerde köp bede, saman zapasy bar eken. Köp mukdarda däne gömlüpdir. Ruslar ol ýere baryp, bede, saman alyp gaýdýar ekenler.

Rus soldatlarynyň Juma gala bede, saman almak üçin gidýändiklerini bilen tekeler hem olary garawullapdyrlar. Gulbatyr

serdaryň baştutanlygynda 400 adam Juma galasyny saklamaga gidýär. Gulbatyr serdar ýanyna 60 adam alyp, galanyň özünde galypdyr. Beýleki atlylar bolsa baglaryň, haýatlaryň içinde gizlenipdir.

23-nji dekabrda daňdanlar ol ýere baran Petrusewiçiň atlylaryny tekeler ot bilen garşylapdyrlar. Çaknyşyk gaty güýçli bolupdyr. Iki tarap hem uly ýitgi çekipdir. Şol söweşde ölen general Peotrusewiçiň maslygy telim gezek elden-ele geçipdir.

Ahyry Gulbatyr serdar atlylarynyň bir bölegi bilen galany taşlap gaýdypdyr. Bagyň içinde, haýatlaryň düýbün-de gizlenen tekeleriň hemmesi diýen ýaly gyrlypdyr. Gulbatyr serdar gaýdandan soň, galada diňe onuň eýeleri galypdyr. Ruslar olaryňam baryny gyrypdyr.

Bu söweşi tekeler özleri üçin ullakan şowsuzlyk hasaplapdyrlar. Olar ruslara nähili zyýan ýetirendiklerinden bihabar ekenler. Diňe üçünji gün Dykma serdar geçip barýan jigitlerden tekeleriň bir generaly hem köp soldaty öldürendiklerini bilipdir. Şol gün ruslar öli hem ýaraly 72 adam ýitiripdirler.

Soň ruslar Juma galasyndan köp däne olja alypdyrlar.

Nurberdi han ölenden soň, Dykma serdaryň roly güýçlenip başlapdyr. Ruslaryň galanyň alkymyna gelmegi bilen bolsa ol hakykat ýüzünde tekeleriň baş serdaryna öwrülipdir. Goranmak işlerine bütinleý şol ýolbaşçylyk edipdir. Ilat hem oňa berk ynanypdyr. Şonuň üçinem, resmi suratda ol baş komanduýuşiý diýlip yglan edilmese-de, maslahatlarda esasan Dykma serdaryň sözi geçipdir. Tekeler şondan ozal hiç wagt hiç bir adama Dykma serdara ynanyşlary ýaly ynanmandyrlar. Hemme kişi onuň buýrugyna boýun bolupdyr. Hatda indi maslahatlary hem onuň özi geçirip, özi ýolbaşçylyk edipdir.

Şeýle maslahatlaryň biri tekeleriň 1880-nji ýylyň 28-nji dekabryndaky gijeki çozuşynyň öň ýanynda bolupdyr. Esasan gylyç,

pyçak, syryklaryň ujuna gyrkylyk, syndy berkidilip ýasalan naýza bilen ýaraglanan tekeler şol döwrüň iň kämil ýaragy bilen ýaraglanan rus goşunlaryna kär edip bilmändirler. Diňe sowuk ýarag bilen garpyşma söweşine ökde tekeleri ruslar golaýyna eltmändirler. Atlylar hem ok ýetere baryp, atlaryny oka berip bilmändirler.

Şonuň üçinem tekelere diňe gije duýdansyz dökülmek mümkinçiligi galypdyr. Dykma serdar maslahatda gije çozmak bilen ruslary gyrmagy wada beripdir. Gije çozuşa gitmäge döwtalaplaryň öňüne düşüp, özüniň hem gitjekdigini aýdypdyr.

Maslahat Dykma serdaryň bu teklibini uly umyt bilen gollapdyr. Gije duşmanyň üstüne çozmaga döwtalap 4.000 adam ýygnanypdyr. Olaryň arasynda syndysyny taýagyň ujuna daňan aýallaram bar eken.

Çozuşa giden adamlaryň öz ähdinde durmagy üçin hanlar hem aksakgallar galanyň derwezeleriniň agzyny saklapdyrlar. Olara gorkusyna yzyna gaýdyp gelenleri ýa-da gitmek islemeýänleri öldürmek tabşyrylypdyr.

Dykma serdar deslapdan Marydan gelen Topaz hany öň hatara, özüniň çozjak ýerini gabamaga hem oka tutmaga iberýär.

Tekeler üç hatar bolup çozupdyrlar. Ilki hatarda hüjüme gidýän erkek adamlar bolupdyr. Olar ýanlary bilen tüpeň almandyrlar. Aýaklary ýalaňaç, gollary çermelgi, donlaryny arkasyna çalyp daňyp, elleri gylyçly, jöwher pyçakly, gyrkylykly söweşe gidipdirler...

Ikinji hatarda gidenler ölüleri hem ýaralylary ýygnapdyrlar. Tekeler ölüsini ýa-da ýaralysyny söweş meýdanynda galdyryp gitmegi gaty namys bilipdirler. Üçünji hatar olja ýygnaýanlardan ybarat bolupdyr. Olar ok, ýarag olja almaga gyzyp, has öňe gidenlerini duýman galypdyrlar we birnäçesi janyny pida edipdir. Olja ýygnaýanlar gaty çakgan işleýär ekenler. Sanlyja minutyň

içinde garymlarda galan tüpeňleri almaga, öli soldatlaryň geýmini sypyrmaga ýetişipdirler.

28-nji dekabrdaky gijeki çozuş tekeleriň ikinji Ahalteke ekspedisiýasy döwründe gazanan iň uly şowly ýeňşi bolupdyr. Olar şol gün ullakan ýitgi çekmändirler. Bu ýeňşe olaryň özleri has-da buýsanypdyrlar, rus goşunlarynyň azyndan ýarpysyny gyrandyrys öýdüpdirler. Tekeleriň çak edişi ýaly bolmasa-da, şol gezek ruslar, hakykatdanam, uly ýitgi çekipdirler. Apşeron polkunyň 4-nji batalýonynyň baýdagyny elden gideripdirler. Ony gypjakly Begenç diýen biri olja alyp, öýüniň gapdalynda dikip goýupdyr. Tekeler mundan başga-da bir topy ýanynyň iki gapyrjak oky bilen olja alypdyrlar[2]. 5 sany ştab hem ober ofiseri, 91 kiçi çinli soldaty öldüripdirler. Bir ofiser bilen 32 kiçi çinli ýaralanypdyr. Jemi 129 adam hatardan çykypdyr.

Bu ýeňiş tekeleriň ruhuny göteripdir. Ruslar galany alyp bilmez diýen umyt döredipdir. Hut şol günüň ertesi olar olja alan topuny ulanyp başlapdyrlar. Emma top okunyň nädeniňde ýarylýandygyny bilmändirler, şonuň üçinem olaryň atan oklary ýarylmandyr we ruslara hiç hili zeper ýetirip bilmändir.

Rus soldatlarynda bolsa tekeleriň bu ýeňşi belli derejede ruhuçökgünlik döredipdir. Goşun ýadady, oňa birki gün dynç bermeli, garymlary tertibe salmaly diýen adamlar tapylypdyr. Skobelew muňa çürt-kesik garşy bolupdyr. Biz bu ýere garym gazmaga gelemzok, öňe süýşmek üçin geldik, gyssanmak gerek, basym bar zady gutarmak gerek diýipdir. Bu ýeňlişiň öz goşunlarynda galdyran täsirini ýumşatmak, tekeleriň bolsa has gylaw almagyna ýol bermezlik üçin, birnäçe zerur çäreleri amala aşyrmagy buýrupdyr. Garymlar ýalpak bolansoň, olaryň içinde ýatman, arka ýüzünde ýatmak, çukur gazyp, gum üýşürip

[2]Spolatbog çykgytda "topy köhmelli Myrat batyr getirdi" diýip ýazýar. Belki, "köşüli" bolmalydyr — awt.

goranmak barada görkezme beripdir. Bu bolsa tekeleriň soňky gijeki çozuşlaryna erbet täsir edipdir. Ruslar garymyň içindedir öýdüp, olaryň üstüne dökülen tekeleri garymyň arka ýüzünden ot bilen garşylapdyrlar.

Tekeleriň gijeki çozuşynyň ruslaryň ýagdaýyna hiç hili täsir ýetirmändigini subut etmek üçin, her edip-hesip edip, galanyň diwarlarynyň edil alkymynda ýerleşýän Pürli meýdan galasyny eýelemegi Skobelew ikinji paralleliň sag flangynyň naçalnigine buýrupdyr. Bu buýruk berjaý edilipdir.

Ruslar basyp alan obalaryna, galalaryna täze at dakypdyrlar. Ýegenbatyr galasyna Samur berkitmesi, Duruna Orenburg berkitmesi, Arçmana Poltawa berkitmesi, Keletä Krym berkitmesi, Gajar gala Daýanç (Opornoe) berkitmesi, Ogurly gala Atly goşun (Kawaleriýskoe) berkitmesi, Ötgür gala Olga galasy, Taňryguly azman galasyna Prawoflangowaýa gala, Meretdurdy gala Melniçnaýa (Degirmenli) gala, Pürli meýdan galasyna hem Welikoknýažeskaýa (Beýik knýaz) galasy diýip at beripdirler. Şol galalaryň birenteginiň türkmençe adyna gabat gelinse, birnäçesiniň türkmençe ady ýitip gidipdir. Mysal üçin, Ohotniçýa (Awçy) galasy diýilýän kiçijik galanyň türkmençe adyna biz şu wagta çenli okan çeşmelerimiziň hiç birinde duş gelmedik.

Gökdepe galasynyň günorta-guşluk tarapynda, onuň diwaryndan bary-ýogy 240 ädimlikde ýerleşýän Pürli meýdan galasy gabawyň soňky döwründe aýratyn uly rol oýnapdyr. Ol tä 29-njy dekabra çenli tekeleriň elinde eken. Pürli meýdan galasy Sekizýabyň bir golunyň sag tarapynda ýerleşipdir. Onuň golaýjagynda, ýabyň çep kenarynda hem iki sany kiçijik gala bar eken. Olaryň Türküstan atlandyrylan biri Pürli meýdan galasyndan 120 ädim çepde ýerleşýär eken. Awçy galasy bolsa Gökdepe galasyndan bary-ýogy 50 saženlikde ýerleşipdir. Ruslar galalaryň üçüsine hem Welikoknýažeskaýa diýip at beripdirler. Şonuň bilen bir-

wagtda her haýsyny aýratynlykda hem atlandyrypdyrlar.

Pürli meýdan galasynyň, aýratynam Awçy galasynyň eýelenmegi ruslar üçin gaty uly ähmiýete eýe bolupdyr. Awçy galasynyň bir çüňkündäki diňiň üstünden Gökdepe galasynyň içi tutuşlygyna diýen ýaly görnüp durupdyr. Ol ýerden rus soldatlary galanyň içinde gezip ýören adamlary hem atyp bilipdirler. Galanyň içinde ok çöpläp ýören çagalaram olaryň okundan heläk bolupdyr. Iň esasysy bolsa indi ruslar bu ýerden galanyň içine yzygiderli gözegçilik edip, ol ýerde nämeler bolup geçýänini synlap bilipdirler.

28-nji dekabrdaky üstünlikdeň ruh alan tekeler 30-njy dekabrda hem gijeki çozuşlaryny gaýtalapdyrlar. Bu gezekki çozuşa 6.000 adam gatnaşypdyr. Olaryň arasynda olja ýygnamak üçin gidýän aýallaram bolupdyr. Olar indi gorkman, ýanlary bilen çuwal alyp gidipdirler.

Bu gezek Dykma serdar ruslaryň arkasyna aýlanmak, olaryň hereketine gözegçilik etmek üçin heniz howa ýagtyka ogly Akberdi hany 40 atly bilen iberipdir. Akberdi han yza çekiljek bolanda, ruslaryň üstüne hüjüm etmekçi bolupdyr. Ýöne güýçli garşylyga sezewar bolupdyr.

Akberdi handan ruslaryň tylynda hem berkitmeleriniň bardygyny eşiden Dykma serdar Topaz hany olaryň tylyna iberipdir. Özi bolsa öňki hüjüm eden ýerinden hüjüm etmegi ýüregine düwüpdir. Ol hüjüme atly goşun ibermändýar.

Bu gezek tekeler 70 adam ýitiripdirler. Ýöne bu gezegem olaryň hüjümi şowly bolupdyr. Ýene-de bir rus topy olja alnypdyr. Ýöne bu gezekki topy kimiň getireni jedelli bolanmyş. Aşgabatly Polat siýaki[3] diýenlerem barmyş, Mämmet düýeli[4] diýenlerem bolanmyş.

[3]Spolatbogda şeýle — awt.
[4]Spolatbog "Mamed deýeli" diýip ýazýar — awt.

30-njy dekabrda ruslardan bir ofiser bilen 52 soldat ölüpdir. Iki sany ober ofiser bilen 96 soldat ýaralanypdyr. Bu gezegem 28-nji dekabrdaky ýaly, öldürilenleriň köpüsi sowuk ýaragdan ölüpdir. Ýaralananlaram sowuk ýaragdan ýaralanypdyr.

Bu gezegem tekeler rus goşunlarynyň ýarpysyny gyrandyrys öýdüpdirler. Ruslar indi yzlaryna gaýdarlar diýip tama edipdirler. Emma ertesi ruslar gala has golaý gelipdirler.

1881-nji ýylyň 1-nji ýanwarynda rus goşunlarynyň sag ganaty galanyň diwarynyň 40 sažen golaýyna, çep ganaty bolsa 75 sažen golaýyna barypdyr. Bu bolsa rus goşunlarynyň nagym gazyp, mina işlerine başlamagyna mümkinçilik beripdir. Skobelew mina işleriniň ýolbaşçysy Rutkowskä 2-nji ýanwarda ir sagat 8-de minalaýyş işlerini başlamak, onuň maksatlary hem ahyrky netijesiniň nähili boljakdygy barada maglumat bermegi talap edipdir.

Nagym gazyp, galanyň diwarynyň astyna däri goýmak üçin gala bilen aralygyň ölçegi alnypdyr. Ruslaryň ýarym aýlaw garymyndan Gökdepe galasynyň düýbündäki garym aralygynyň 29 sažen 6 werşokdygy, garymyň çuňlugynyň iki arçyndygy, giňliginiň ýedi arçyndygy anyklanypdyr. Işler gala şeýle bir golaýjakda geçirilipdir welin, tekeler ruslaryň garymlaryna ýokardan daş, kesek oklap durupdyrlar.

Mina galereýasynyň gazylyp başlanan pursatynda ýalňyşlyk goýberilipdir. Ol gaty çepe burlupdyr hem çep tarapdaky garyma baryp diräpdir. Galereýanyň diwarlary opurylyp, ullakan deşik emele gelipdir. Soňra bu ýalňyşy düzedipdirler.

1880-nji ýylyň 30-njy dekabryndaky çozuşdan soň, tekeler maslahat edipdirler. Maslahatda ýene bir gezek hüjüm edip görmeli diýen karara gelipdirler. Bu gezek ýa ölmäge, ýa-da duşmany ymykly ýok etmäge döwtalap adamlaryň sany 12.000-e ýetipdir. Ruslaryň üstüne 4-nji ýanwarda çozmak bellenipdir. Galany goraýjylar bu gezekki çozuşa uly umyt baglapdyrlar. Iň batyr adamlar hüjüme gatnaşypdyr.

Duşmanyň üstüne iki tarapdan hüjüm edilipdir. Utamyşlar günorta tarapdan hüjüme geçipdirler. Olara Dykma serdaryň ogly Akberdi han serdarlyk edipdir. Demirgazyk tarapdan hüjüme geçen togtamyşlara Topaz han bilen Gul batyr serdar ýolbaşçylyk edipdir. Ruslar gaçmaga ýüz uranlarynda, olaryň yzyndan kowmak üçin, atly goşun pyýada goşunyň yzyndan ýöräpdir. Ýöne olar artilleriýanyň odundan uly zyýan çekipdirler. Dykma serdar hanlar bilen bilelikde derwezäniň agzynda galypdyr.

Tekeleriň agşam sagat 7-lerde, gün batyp aý dogar aralykda başlan hüjümi şowuna bolmandyr. Olar güýçli garşylyga duçar bolupdyrlar. Aýratynam top oky olary köp paýhynlapdyr. Çozuşa gatnaşanlar gaty köp bolansoň, olar yzlaryna gaýdanda, derwezeleriň agzynda uly dyknyşyk emele gelipdir we olar top okundan köp zaýa bolupdyrlar.

Ilki bilen togtamyşlar yzyna dolanypdyr. Olar öli hem ýaraly köp adam ýitiripdirler. Olaryň ýanyna Dykma serdaryň özi gidipdir. Olary ýene birhowa saklanmaga mejbur edipdir. Ýöne gylyçlaşmaga girişmek üçin eýýäm giç bolupdyr.

Şol gün tekeler gala gabalyp başlanaly bäri çeken ähli ýitgilerindenem köp ýitgi çekipdirler. Bagyr obasynda öz puluna mekdep açan Kerimberdi işan daňdan namaz okap otyrka, gapdalynda top ýarylyp ölüpdir. Gelenleri bäri ähli söweşlere işeňňirlik bilen gatnaşan marylylar bu gezek 200 atlysyny ýitiripdir. Şol günüň ertesi olaryň köpüsi gaýdypdyr. Diňe Topaz han

ýanynyň bir bölek atlysy bilen ahyryna çenli galypdyr.

6-njy ýanwarda agşamara biçak güýçli harasat gopupdyr. Apy-tupan garymlaryň raýşyndaky gumlary sowrup, gözüňi açar ýaly bolmandyr. Asmany gara bulut büräp, tüm-garaňkylyk bolupdyr. Hiç zat görünmändir. Ruslar tekeler bu pursatdan peýdalanyp çozarlar öýdüp, howsala bilen garaşypdyrlar. Hakykatdanam, şol wagt çozan bolsalar, tekeleriň uly üstünlik gazanmaga mümkinçiligi bar eken. Ýöne olaram ruslar hüjüme geçerler öýdüp gorkupdyrlar. Çozuşa ýürek etmändirler.

7-nji ýanwarda çozuşda heläk bolan tekeleriň jesetleri porsap başlapdyr. Şonuň üçinem Skobelew atyşygy wagtlaýyn bes etmek, tekelere jesetlerini ýygnamaga maý bermek üçin, olar bilen gepleşik geçirmekçi bolupdyr. Skobelewiň buýrugy bilen podpolkownik Ýomutskiý ýanyna üç sany adam alyp, galadakylara ok atmaňyzy bes ediň diýip gygyrypdyr. Ýanyna üç sany adam alyp gelen Myrat hana gepleşik geçirmekçidiklerini aýdypdyr.

Skobelewiň ýanyna tekeler tarapyndan Hajymyrat han eli ýalaňaç gylyçly gelipdir. Skobelew oňa tekeleriň maslyklaryny ýygnamagy üçin atyşygy wagtlaýyn bes etmegi teklip edipdir. Hajymyrat han galada wagtlaýyn ýaraşyk baglaşmaga ygtyýarly adamlaryň ýokdugyny, olaryň guma gidendigini, şolarsyz mesele çözüp bilmejekdiklerini mälim edipdir. Hakykatda bolsa tekeleriň gepleşik geçirmekden, atyşygy wagtlaýyn bes etmekden ýüz döndermeginiň başga sebäpleri bolupdyr. Olar ruslar al saljak bolýandyr, jesetleri ýygnamaga çykan adamlary oka tutjak bolýandyr öýdüpdirler. Onsoňam Pürli meýdan galasynyň garşysynda galan jesetleriň köpüsi yzyna gaýdan marylylar bilen aşgabatlylaryňky eken. Galadakylar olaryň jesetlerini ýygnamak islemändirler.

Ruslar eger uruşmak isleýän bolsaňyz, aýallardyr çagalaryňyzy bir galadan çykaryň diýip teklip edenlerinde hem galany

goraýjylar bu teklibe aldaw hökmünde garapdyrlar. Aýallardyr çagalar galadan çykan badyna ruslar olary ýesir aljak bolýandyrlar öýdüpdirler. Mundan başga-da aýallar gidensoň, erkekler hem uruşdan ýüz dönderip gider diýip gorkupdyrlar. Şeýle pikiri öňe süren Gurbanmyrat işan bolupdyr.

Şol gün Magtymguly hanyň öýünde maslahat geçirilipdir. Bu gezek hanlar urşy bes etmegiň, ruslara boýun synmagyň tarapyny tutupdyrlar. Emma Dykma serdar beýle etmek üçin indi juda giçdigini aýdypdyr. Onsoňam öýüň daşynda duran ýaşlar ruslara boýun egmek hakda gürrüň gidýändigini eşidip, gylyçlaryny ýalaňaçlap, içerik kürsäp giripdirler. Ýaraşyk hakda hiç kime gürrüň etdirmejekdiklerini aýdypdyrlar. Şundan soň tekeler ýaraşyk etmek niýetleriniň ýokdugyny aýdyp, ruslara gygyrypdyrlar.

Ýarym sagada çeken gepleşik şunuň bilen tamamlanypdyr. Galanyň üstüne ýygnanan tekeler öz penalaryna çekilipdirler. Ilki ok atmak gezegi tekelere berlipdir. Olar gepleşik wagty gaty mertlik edipdirler. Hatda ok atmaga gezek berlenden soňam galanyň üstündäki birki sany teke heniz gizlenmäge ýetişmedik iki sany rus soldatyna basymrak gizleniň, häzir ok atyp başlaýarys diýip gygyrypdyr.

Ýöne 4-nji ýanwardaky şowsuzlykdan soň tekeler ymykly ruhdan düşüpdirler. Olar ruslaryň garşysyna degerli bir çäre görüp bilmändirler. Diňe garaşmak bilen çäklenipdirler. Ruslar bolsa gabaw halkasyny barha daraldypdyrlar, güýçli hüjüme başlapdyrlar.

Galanyň astyna nagym çekmek işi hiç bir päsgelçiliksiz güýçli depgin bilen dowam etdirilipdir. Onuň beýikligi 4 futa golaý, giňligi 3,5 futa golaý bolupdyr. Onuň içi bilen diňe emedekläp gitmek mümkin eken.

7-nji ýanwarda inženerleriň naçalnigi minalaýyş işleriniň 9-n-

ji ýanwarda gutarjakdygyny Skobelewe habar beripdirler. Şundan soň Skobelew 10-njy ýanwarda ir sagat 7-ä hüjüme geçmek üçin zerur zatlaryň baryny taýýar edip goýmak barada buýruk beripdir. Ýöne wentilýatoryň esli wagtlap kadaly işlemändigi sebäpli, nagymyň 10-njy ýanwarda ir sagat 7-de däri goýmaga taýýar bolup ýetişmejekdigi äşgär bolupdyr.

9-njy ýanwarda 10 sagat 20 minutda geçirilen täze ölçegler nagymyň gazylyp başlanan gizlin garymyndan galanyň diwaryna çenli aralygyň 17 sažen däl-de, 15 sažen ekenligini görkezipdir. Şol wagta çenli bolsa onuň 10 saženi gazylypdyr eken. Ýene-de galanyň düýbündäki garymyň aňry ýakasyna çenli 5 sažen, diwaryň astyna çenli bolsa 7 sažen galypdyr. Nagymy diwaryň astynda-da 1 sažen gazmak nazarda tutulypdyr. Diýmek, ýene-de 8 sažen gazmak gerek eken. Soň nagymyň gutaran ýerinden diwaryň ugry bilen iki tarapa her biri 2 ýarym saženden ybarat iki sany gol gazmak gerek bolupdyr. Galanyň diwarynyň astyna däri çekmek, partlatmaga taýýarlamak üçinem azyndan 4 sagat gerek bolupdyr. Netijede, bir gijäniň dowamynda munça işi ýerine ýetirip bolmajakdygy takyklanypdyr.

Ruslar nagym gazmak işini gündiz dowam etdirmäge-de çekinipdirler, tekeler muny duýarlar, onsoň bu iş degerli netije bermez öýdüpdirler.

Ruslar gala zabt etmekligi ýa-ha 10-njy ýanwardan yza tesdirmeli bolupdyrlar, ýa-da galany partlatmakdan el çekmeli bolupdyrlar. Dogrusy, Skobelewiň özi hem, onuň töweregindäki adamlaram galanyň partladylmagynyň şeýle uly netije berjekdigine ynanmandyrlar, oňa ikinji derejeli çäre hökmünde garapdyrlar. Tekeler nagym gazylýanyny duýarlar, garyma çozup, ähli işimizi puja çykararlar öýdüp gorkupdyrlar. Hut şonuň üçinem nagym gazmak işleriniň ýolbaşçysy kapitan Rutkowskiý bu işden el çekip, galanyň diwaryny top bilen ýumurmaklygy

maslahat beripdir.

General Skobelew galanyň diwaryny hem partlatmagy, hem top bilen ýumurmagy ýüregine düwüpdir. Top bilen ýumrup gädik açmak üçin galanyň partladyljak ýerinden günbatarragy saýlap alypdyr. Şonuň üçinem ol nagym gazmak işlerini bes etmän, gala zabt ediljek gününi yza süýşürmek kararyna gelipdir.

Hasaplamalar nagym gazmak işiniň her sagatda 1,5 – 2 futdan dowam etdirilende bir gije-gündizde 42 fut geçmek mümkindigini görkezipdir. Däri goýuljak ýerleriň däriden doldurylyp, partlatmaga taýýar edilmegi üçinem takmynan 12 sagat gerek bolupdyr. Diýmek, galany partlatmak baradaky ähli taýýarlyk işleriniň 11-nji ýanwarda günortana çenli doly tamamlanyp bilinjekdigi takyklanypdyr.

Skobelew aýgytly hüjüme geçiljek güni 12-nji ýanwara süýşüripdir. Nagym gazmak işlerini hem gyssagly dowam etdirmek barada buýruk beripdir. Nagym gazyjylar üçin 3.000 manat baýrak belläpdir.

Şonuň bilen bir wagtda galany partlatmak şowsuz gutaraýan halatynda hüjüme geçer ýaly gala tarap garym gazmak işlerini hem dowam etdirmek, dikligine gazylýan şol garymlary galanyň düýbündäki garyma ýetirip goýmak barada buýruk beripdir.

Tekeler ruslaryň nagym gazýandygyny duýupdyrlar. Ýöne Dykma serdar başlyklaýyn munuň heňe geljek zatdygyna ynanmandyrlar. Onsoňam ruslaryň nagym gazyp, galany partlatmagynyň nähili betbagtçylygyň üstünden eltjekdigini göz öňüne getirip bilmändirler. Ruslar ýeriň astyndan ýol açyp, galanyň içine aralaşmak isleýändirler öýdüpdirler. Ilata hem muny şeýle diýip düşündiripdirler. Ruslar ýeriň astyndan deşik açyp çykmakçy bolsalar, çykanynyň kellesini ýeke-ýekeden kakar durarys diýipdirler. Şeýle maksat bilenem iň gowy güýçlerini şol ýere jemläpdirler. Hatda Dykma serdaryň tümi hem galanyň partla-

dylan ýeriniň golaýynda eken.

8-nji ýanwarda sagat sekizde 8 sany 4 funtluk top bilen galanyň diwaryny topa tutup başlapdyrlar. Diwaryň 10 sažen ýerinde weýrançylyk bolup, açylan gädikden öýleriň tüýnügi görnüpdir. Galany goraýjylar dessine gum çekip, ol gädigi bekläpdirler, 9-njy ýanwaryň säherine çenli diwaryň beýikligini öňki hetdine ýetiripdirler. Gädik açyjy artilleriýa batareýasy ol ýerini ýene topa tutup başlapdyr. Emma Skobelew bu işi bes etmek barada buýruk beripdir. Sebäbi ol şol ýerden diňe aýgytlaýjy hüjümiň öňüsyrasynda täze gädik açmagy nazarda tutupdyr.

Inženerleriň naçalnigi 11-nji ýanwarda ir bilen öten gije galanyň diwarynyň astyndan esasy nagymdan iki tarapa gol çekilendigini, diwaryň ugry bilen üç ýerde däri ýerleşdirer ýaly öýjügiň taýýarlanandygyny, ol öýjüklere 72 put däriniň ýerleşdirilip başlanandygyny habar beripdir. Şeýlelikde, galany zabt etmeklige ähli taýýarlyk işi gutarnykly tamamlanypdyr.

1881-nji ýylyň 12-nji ýanwarynda ir sagat 6-da rus goşunlary aýgytly hüjüme başlapdyrlar. Toplar galanyň diwarlaryndan gädik açyljak ýeri oka tutupdyr. Pyýada goşun bolsa gädik açylaryna hem galanyň diwarynyň partladylaryna garaşyp, hüjüme taýýar bolup durupdyr.

Laýyk 11 sagat 20 minutda galanyň günorta-guşluk burçunda elhenç partlama bolup, asman-zemini elendiripdir. Goýy gara tüssedir tozan asmana göterilipdir. Grodekow diwaryň 15 sažen ýeriniň ýykylandygyny, geçmäge amatly ýol açylandygyny habar berýär. Kuropatkin bolsa galanyň diwarynyň ýykylan ýerini 9 sažen diýip ýazýar.

Tekeler birbada nämäniň-nämedigine akyl ýetirip bilmändirler. Ýer yranýandyr öýdüpdirler. Bolup geçen betbagtçylyga akyl ýetirenlerinden soň bolsa gaçmaga ýüz urupdyrlar. Diňe Dykma serdar bada-bat nämäniň-nämedigine düşünipdir, özüni ýitirmän saklanypdyr. Gaçmaga ýüz uranlary hem saklamaga synanypdyr. Emma bu netije bermändir. Has ýürekli adamlar gaçman, ahyrky demine çenli söweşipdirler.

Galanyň partladylan ýerinde hem, top bilen gädik açylan ýerinde hem tekeler gaty köp ýitgi çekipdirler. Diňe galanyň partladylan ýerinde azyndan 700 adam ölüpdir. Galanyň partladylan ýerinde begler bar eken. Wekiller hem olaryň golaýynda eken.

Galanyň diwary ýarylyp, tekeler gaçmaga ýüz urandan soň, rus goşunlary hüjüme geçipdirler. Ýaragsyz ilaty ýaş diýmän, garry diýmän, aýal diýmän, erkek diýmän bir ujundan rehimsizlik bilen gyryp başlapdyrlar. 70 top galanyň diwaryny oka tutmagyny bes edip, galanyň içini — demirgazyk-gündogar bölegini oka tutup başlaýar.

Taryhda juda seýrek gabat gelýän gyrgynçylyk — genosid başlanýar. Rus goşunlarynyň şol döwrüň iň kämil ýaragy bilen

ýaraglanandygyny, tekeleriň bolsa esasy ýaragynyň sowuk ýarag bolandygyny, tekeleriň elinden ölen ýa-da ýaralanan rus ofiserleridir soldatlarynyň tas hemmesiniň diýen ýaly sowuk ýaragdan ölendigini ýa-da ýaralanandygyny Grodekowdan, Kuropatkinden, Maslowdan, Wereşaginden başlap, ähli rus harby işgärleri tassyklaýarlar. Rus goşunlarynyň çagalary, aýallary hem gaýgyrman bir ujundan gyrandygyny olaryň özleri boýun alýarlar. Diňe bir boýun almagam däl, munuň üçin buýsanýandyklaryny hem gizläp duranoklar.

Olar Gökdepe galasy alnandan soňky gyrgynçylygyň bilkastlaýyn edilendigini, onuň galanyň söweşsiz boýun egip-egmezligine bagly bolmandygyny hem aç-açan ýazýarlar. Mysal üçin, Grodekow Gökdepede şeýle gyrgynçylyk etmegi general Skobelewiň entek Peterburgdaka pugta ýüregine düwendigini tassyklaýar. Galanyň diwary partladylyp, tekeler guma tarap gaçyp başlanlarynda, rezerwde duran toply-tophanaly otrýadyň başynda durup, olaryň yzyndan hut Skobelewiň özüniň kowgy gidenligi hem bu tassyklamanyň dogrudygyna şaýatlyk edýär.

Şonda bosgunlaryň yzyndan pyýada goşun 10 wýorste çenli, atly goşun bolsa 15 wýorste çenli kowalap gidipdir. Özem bosgunlaryň iň güri ýerlerini topa tutupdyrlar. Tekeleriň gaçyp giden ýoly çaga, aýal-erkek jesedinden dolupdyr. Kowgyçylar diňe mazaly garaňky düşüp, göz baglanandan, bosgunlaryň hatarlary mazaly seýrekländen soň yzlaryna dolanypdyrlar.

Bosgunlaryň yzyndan kowulanda çagadyr aýal-erkek 8.000 adamyň gyrlandygyny 1881-nji ýylyň 20-njy fewralynda Kawkaz goşunlarynyň baş komanduýuşisine iberen maglumatynda Skobelew hut öz eli bilen ýazypdyr. Muny beýleki rus harby işgärleriniň ýatlamalary hem tassyklaýar.

Tekeler galanyň içinde hem ägirt köp pidalar çekipdirler. Olar 23 güne çeken gabaw döwründe 7.000 adam ýitiripdirler. Diňe

galanyň alnan güni hem onuň içinde şonça adam ölüpdir. Skobelewiň ekspedision otrýadynyň baş wraçy O. Geýfelder gala alnandan soň onuň içinden 7.000 jeset tapandyklaryny, şonçarak jesediňem galanyň diwarlarynyň düýbünde çala ýere duwlanandygyny ýazýar.

Tekeler gabawyň soňky günleri hatda ölülerini jaýlamaga-da ýetişmändirler. Grodekow bilen Kuropatkin käbir öýlerden jaýlanmadyk 10 – 15 jeset tapandyklaryny ýazýarlar.

A. N. Maslow gabaw döwründe we galanyň alnan güni ölen adamlary tekeleriň özleriniň 20.000 adam hasaplaýandygyny ýazýar. Ýurt ugrundaky mukaddes göreşde birnäçe serdarlar, hanlaram janlaryny gurban edipdirler. Olaryň arasynda Hanmämmet atalyk, Orazmämmet han, Dykma serdaryň ogly Akberdi han dagy hem bar eken.

Galanyň synan güni 3.000-denem gowrak aýal-gyz ýesir alnypdyr. Olary tekeler yzlaryna gaýdyp geler ýaly girew hökmünde saklapdyrlar. Galanyň daşynda bir ýere jemläp, daşlaryna garawul goýlupdyr. Olara diňe ýörite rugsat almak bilen gala girmäge hem weýran bolan öýlerinden köne-küşül ýorgan-düşek getirmäge mümkinçilik berlipdir.

Gökdepe galasyndaky adamlaryň nähili wagşylyk bilen gyrlandygyna şeýle faktlaram şaýatlyk edýär. Boýy bary-ýogy 600 sažen, ini 360 sažen bolan, içinde 14.000-e çenli öý, oraça, çatma dikilen, 40.000-denem köp ilatly kiçijik galanyň içine 23 güne çeken gabawyň dowamynda 872.000 tüpeň oky, 12.400 top oky atylypdyr. Diňe gala zabt edilen güni 5.604 top oky, 224 raketa, pyýada goşun tarapyndan 273 müň, atly goşun tarapyndan 12.500 ok atylypdyr. Deňeşdirip görmek üçin 900 günläp dowam eden Leningrad gabawynda nemes basybalyžylarynyň şähere 148.478 top okuny atandygyny ýatlalyň.

Gala alnandan soň Skobelew 4 günlük talaň yglan edipir. Rus

soldatlary altyn-kümüş, şaý-sep, haly-palas diýmän, gözlerine ýaran zadyň baryny alypdyrlar. Özem saňa ýetdi, maňa ýetmedi diýer ýaly, olja dawasy bolmandyr. Näçe talaňçylyk etseler, olja tapylypdyr. 12-nji ýanwarda Skobelew galanyň etegine 227 ofiser bilen 6.672 soldat jemlän eken. Jemi 6.899 adam. Galadaky her öýde ýekeje halydan bar eken diýip hasap edeniňde-de, her soldat başyna iki halydan düşüpdir. Gala bolsa tutuş tekäniň ähli gyzyl-alasy toplanypdyr. Köp öýler haly düşekden, şaý-sepden doly bolupdyr.

Bir ýerden jerçiler peýda bolupdyr. Türkmen halysynyň bahasy bir bulgur araga gelipdir. Soldatlar ne gözel halyny bir bulgur araga berip, duran ýerlerinde içýär ekenler-de, ýene haly getirmek üçin gala düwdenekläp gidýär ekenler.

Rus ofiserleri, aýratynam topçular köp haly olja alypdyrlar. Topçular okdan boşan gapyrjaklara çenli halydan doldurypdyrlar. Aradan köp wagt geçmänkä, bahasy bir bulgur bolan türkmen halylarynyň nyrhy öz hakyky bahasyndanam birnäçe esse ýokary galypdyr. Peterburgdan, Moskwadan, Kawkazdan ofiserleriň aýallary hat ýazyp, ärleriniň halysyz dolanyp gelmezligini talap edipdirler. Pylanynyň öýünde bir haly gördüm welin, göriplikden ýaňa gözüm çykara geldi, şolardaky ýaly halysyz gelme diýip ýazypdyrlar. Maslow soňra 1883-nji ýylda şol halylaryň bir çetiniň Parižiň Gousman bulwaryndaky Aziýa önümleriniň magazinine baryp ýetendigini ýazýar.

Grodekow gala alnandan soň talanan zatlaryň bahasyny 6.000.000 manat diýip kesgitleýär.

Gökdepe galasynyň gabalan hem zabt edilip alnan döwründe ruslaryň çeken ýitgileri, beýle bir ullakan tapawut bolmasa-da, dürli çeşmelerde dürlüçe görkezilýär. 1881-nji ýylyň 20-nji fewralynda Kawkaz goşunlarynyň baş komanduýuşisine iberen raportynda Skobelew 1880-nji ýylyň 20-nji dekabry bilen 1881-nji

ýylyň 12-nji ýanwary aralygynda bir generalyň öldürilendigini, bir generalyň ýaralanandygyny, 3 ştab ofiseriniň, 11 ober ofiseriň ölendigini, 5 ştab ofiseriň, 35 ofiseriň ýaralanandygyny, bir çinownigiň ölüp, bir çinownigiň ýaralanandygyny, 267 soldatyň öldürilip, 647 soldatyň ýaralanandygyny, sonra ýaraly 2 ştab ofiseriniň, 4 ober ofiseriň ölendigini habar berýär. General Kuropatkin: «Biz hatardan çykan 34 ofiseri, 364 soldaty, 71 ýabyny ýitirdik» diýip ýazýar. «Biziň ýitgimiz: 4 ofiser, 55 soldat öldi, 18 ofiser, 236 soldat ýaralandy» diýip, A. W. Şerbak ýazýar. K. M. Fedorow hem şu maglumaty gaýtalaýar. «Gabawyň tutuş dowamynda biziň ýitgilerimiz 1.104 adama ýetdi, gala hüjüm edilen güni bolsa 398 adam (şol sanda 38 ofiser) boldy» diýip, P. Geýsman bilen A. Bogdanow «Rus terjimehallar sözlüginde» ýazýarlar.

Mollagara bilen Gyzylarbat aralygynda çekilen demir ýoluň harajatyny hem hasap etseň, Ikinji Ahalteke ekspedisiýasyna 21.126.056 manat, diňe Gökdepe alynýança (alty ýarym aýda) 13.545.341 manat çykdajy edilipdir.

Gökdepede gyrlan bigünä adamlaryň jesetleri ençeme günläp, meýdanda porsap galypdyr. Olary wagty bilen ýygnap, gömüp, otlap ýetişip bilmändirler. Skobelew jeset jaýladyp, soldatlarynyň mädesine degmek islemändir. Jesetleri jaýlamak üçin gulçulykdan boşadylan 500 sany kürt ýesiri işledilipdir. Olaram jeset jaýlamagyň deregine talaň bilen meşgul bolupdyrlar, altyn-kümüş gömlen ýerlerini gözläpdirler. Özlerem rus soldatlaryndanam beter wagşylyk edipdirler. Gelin-gyzlaryň altyn gulak-halkalaryny gulaklary bilen kesip, barmaklaryndaky kökenli ýüzüklerini barmaklary bilen çapyp alypdyrlar. Ahyry Skobelew olary gala goýbermegi gadagan etmäge mejbur bolupdyr.

Kürt ýesirleri jesetleri jaýlanlarynda hem el ujundan jaýlapdyrlar. Sähel ýel öwüsse ýa-da duşundan atly geçip gitse-de,

olaryň üsti açylyp ýatypdyr. Gulçulykdan boşan pars ýesirleri ozal tekeler tarapyndan ýesir alnan gelin-gyzlarymyz diýip, türkmen gelin-gyzlarynyň iň gowularyny seçip-saýlap alyp gidipdirler.

Jesetleri jaýlamak işine rus goşunlarynyň baş wraçy O. Geýfelder ýolbaşçylyk edipdir. Ol özüniň dürli wagtlarda çap edilen ýatlamalarynyň birinde bu barada jikme-jik gürrüň berýär. Gökdepe galasy alnandan soň dessine Aşgabada tarap süýşüp başlan goşun pil-palta ýaly gurallaryny ýany bilen alyp gidipdir. Gitmediklerem öz gurallaryny bermändir. Şonuň üçinem ýer gazar ýaly gural ýetmezçilik edipdir. Ýer gaty bolupdyr. Onsoň jesetleri üýşürip otlap başlapdyrlar. Ilki jesetleri üst-üstüne goýup, üstüne-de odun üýşürip ýakjak bolupdyrlar. Beýle edilende jesetler ýanman, ýöne gara-ört bolup galypdyr. Soňra olary aşagyndan howa geçer ýaly edip, ikiden-üçden, köp bolsa dörtden üýşürip, üstünem saman diýmän, ders diýmän, tapan zatlary bilen basyrypdyrlar. Onuň üstündenem öýleriň üzüklerini, durluklaryny basypdyrlar. Geýfelder şeýdip haýal ýakylanda jesetleriň ahyryna çenli ýanandygyny ýazýar.

Bir-iki ýerde ýaplaryň öňüni böwetläp, esli ýere suw goýberip ýeri ýumşadypdyrlar. Soňra ullakan çukur gazyp, adam, at, düýe maslyklaryny şol çukurlara süýräpdirler. Emma munuň bilenem jesetleri, maslyklary gömüp ýetişip bilmändirler.

Geýfelder başga alaç bolmansoň, soňra galanyň diwarlaryny onuň etegindäki garymlary dolduryp ýatan maslyklaryň üstüne ýumurdandygyny ýazýar. Galanyň ýokarsyndakylar diwary ýumrup ýapgyt diwaryň ortasyna süýşüripdirler, ol ýerdäkiler bolsa ýene aşak süýşürip, garymlardaky sansyz adam jesetleriniň, at, düýe maslyklarynyň üstüne sürüpdirler.

1887-nji ýylda Gökdepäniň üsti bilen geçip giden Geýfelder şeýle ýatlaýar. Ol wagonyň äpişgesinden Gökdepe galasy gör-

nüp başlanda, bu barada ýoldaşlaryna mälim edipdir.

«— Gökdepäniň diwarlary has beýik dälmidi näme? — diýip, ýoldaşlarymyň biri sorady. — Şeksiz, has beýikdi — diýip, men jogap berdim. — Ýöne onuň ýokary bölegini köp sanly adam, at hem düýe maslyklarynyň üstüni gömmek üçin ulanmaly boldy. Men diwaryň ýokary bölegini bu işe peýdalanmak barada rugsat bermegini Skobelewden haýyş etdim we özüm ilkinji bolup, ony ýumurmaga başladym».

Ýöne şonda-da maslyklary wagty bilen gömüp gutaryp bolmandyr. A. W. Kwitka gala alnandan ýarym aý soň, 27-nji ýanwarda galanyň komendanty Wereşagin bilen onuň içine aýlanyp görendigini, şol wagt hem galanyň diwarynyň partladylan ýerindäki jesetleriň kimsiniň kellesiniň, kimsiniň el-aýagynyň çykyp ýatandygyny, basan ýeriň maslykdygyny habar berýär.

Şol döwrüň rus harby işgärleri bu deňsiz-taýsyz wagşyýana gyrgynçylygyň sebäbini, hamala 1879-njy ýylda Lomakiniň ekspedisiýasynyň ýeňilmeginiň rus goşunlarynyň abraýyna, şöhratyna şek ýetirendigi, şonuň üçinem tekeleri göz edip jezalandyrmagyň, rus goşunlarynyň ýeňilmezlik şan-şöhratyny dikeltmegiň zerur bolandygy bilen düşündirýärler. Hamala, aziýalylary diňe şunuň ýaly zalymlyk bilen boýun egdirmek mümkin diýip tassyklaýarlar. Hamala, «aziýalylaryň diňe küpesine däl, aňyna-da ýençmelimiş».

Ýöne bu bilkastlaýyn genosidiň köklerini başga zatdan — kolonizatorlaryň Orta Aziýa halklaryny adam hökmünde-de görmänliginden, kiltini olary gyrmaga dikenliginden gözlemek gerek. Grodekowyň, hamala, tekeleriň uruşdan başga zady bilmeýändigi, ýaşaýşa ukypsyzdygy, olaryň hökman ölüp gutaryp gitmelidigi hakda «welilik satmagy» şuny subut edýär. Onuň tekeleri «ýer şarynyň ýüzündäki gara tegmil, adamzat üçin masgaraçylyk» atlandyrmagy şuny subut edýär. Skobelewiň niýetini

tekeleri gyryp gutarmaga, galanjasyny hem ýesir hökmünde deňiz kenaryna göçürmäge dikenligi şuny subut edýär. Gala synandan soň, guma gaçyp giden bosgunlaryň, özem esasan aýallardan, çagalardan ybarat bosgunlaryň birehimlik bilen 15 wýorste çenli gyrylmagy şuny subut edýär.

Şu ýerde köp zadyň Skobelewiň şahsyýetine, zalymlygyna, türki halklara bolan ýigrenjine bagly bolandygyny belläp geçmegem artykmaçlyk etmese gerek. Munuň üstesine-de köp ýatlamalarda agzalsa-da, henize çenli üns berilmän gelýän bir häsiýetli fakt bar. 1880-nji ýylyň 9-njy iýulynda Bamydaka Skobelewe ejesiniň öldürilendigi hakda telegramma gelipdir.

Skobelewiň ejesi Olga Nikolaýewna ýetimler öýlerini açmak üçin Rumeliýa gidipdir. Onuň ýanynda ýarym million manat puly bar eken. Skobelewiň ýakyn dostlarynyň biri Uzatis hem şol ýerde eken. Ol hem Skobelew ýaly slawýanparazlaryň biri bolupdyr. Makedoniýany gozgalaňa aýaga galdyrmagyň kül-külüne düşüpdir. Munuň üçinem köp pul gerek bolupdyr. Onsoň Uzatis Olga Nikolaýewnadan pul diläpdir. Ol bermänsoň, öldürip almagy ýüregine düwüpdir. Gije öz ýoluna barýan Olga Nikolaýewnanyň öňünden çykyp, ony öldüripdir. Ýöne Olga Nikolaýewnanyň ýanyndaky diri galan adamlar Uzatisi tanapdyrlar. Şol sebäpli hem Uzatis özüni atyp öldürmäge mejbur bolupdyr.

I. A. Çansew, hamala, Skobelewiň ejesini Uzatisiň öldürendiginiň soň-soňlar bilnendigini tassyklaýar. W. W. Ýaşerow bolsa munuň şobada bilnendigini, Uzatisiň özüni öldürmegine onuň tanalmagynyň sebäp bolandygyny subut edýär.

Her näme-de bolsa, Skobelewe iberilen telegrammada onuň ejesiniň, hamala, türkler tarapyndan öldürilendigi habar berlipdir. Skobelew uzak gije ses edip, gygyryp çykypdyr. Türklere haýbat atyp, olardan ar almaga kasam edipdir.

Skobelewiň diňe türkleri däl, ähli türki halklary ýigrenendigi belli zat. Onsoň Skobelewiň «Alynyň aryny Ahmetden çykaran» bolmagy, bu ýagdaýyň onuň tekelere has zalymlyk bilen daramagyna täsir eden bolmagy mümkin.

Gökdepe galasyny goramakda tekeler görlüp-eşidilmedik gahrymançylyk, edermenlik, mertlik görkezipdirler. Olaryň watana wepalylygy, edermenligi, gylyç işletmäge ökdeligi barada rus harby işgärleri haýran galmak bilen ýazypdyrlar.

Tekelerde dönüklik etmeli diýen düşünje-de bolmandyr. Olar hatda Dykma serdaryň wagtlaýyn ruslaryň tarapyna geçmegine hem dönüklik hökmünde garamandyrlar. Munuň beýle bolup biljegine ynanmandyrlar. Dykma serdary diňe uruşmak islemänsoň ruslaryň arasyna geçen adam hasaplapdyrlar.

Lomakiniň birinji Ahalteke ekspedisiýasyna gatnaşyjy W. A. Tugan-Mürze-Baranowskiý tekeleriň batyrlygy, gylyç işletmäge ezberligi hakda gaty köp faktlary mysal getirýär. Gruzin polkunyň praporşigi Beloborodowyň üstüne topulan bir teke gylyç bilen onuň kellesini kakyp goýberipdir. Onuň göwresi kellesi alnandan soňam esli wagtlap ýykylman durupdyr, soňra birden gürpüldäp gaýdypdyr.

Bir gezek alty sany dagystanly bir tekäniň daşyna geçipdir. Ol diňe gylyjy bilen olaryň altysyny hem ýaralamaga ýetişipdir. Knýaz Witgenşteýniň ordinaresi onuň üstüne topulanda, onuňam elini çapypdyr. Ahyry dagystanlylaryň biri ony arkasyndan tüpeňläp öldüripdir.

Watan ugrundaky söweşlerde türkmen aýal-gyzlary hem uly edermenlik görkezipdirler. Olar her hili kyn güne düşselerem, ärlerine uruşmaň, duşmana boýun egiň diýmändirler. Gaýta olar bilen deň durup söweşipdirler.

Bir topar rus soldaty geçip barýarka, olara üç gezek ok atylypdyr. Soldatlar ol ýerde birnäçe adam bardyr öýdüpdirler. Tüpeň atylan ýeriň daşyny gabapdyrlar. Görseler bir teke gyzy pistoletine ok salyp otyrmyş, gapdalynda-da ýene iki sany pistolet ýatyrmyş. Ony tutup naçalnigiň ýanyna getiripdirler. Naçalnik oňa: «Gorkma, biz saňa erbet zat etmeris» diýipdir. «Serdar, men

hiç zatdan gorkamok, meniň bilen islän zadyňyzy edip bilersiňiz. Ýöne, kapyrlar, siz bizden gorkuň hem heder ediň, sebäbi siziň biriňizem biziň ýurdumyzdan diri gitmersiňiz» diýip ol gyz jogap beripdir. Bu merdana gyzy boşadyp goýbermäge mejbur bolupdyrlar.

Bir gezek bolsa käliň içinde rus soldatlaryny tüpeňläp oturan garry aýaly görüpdirler. Soldatlar ony şobada kerçäp taşlapdyrlar. Bir gezek bir ofiser arkasyna güýçli zarba degensoň ýalta yzyna öwrülse, eli pilli bir kempir ikinji gezek urmaga taýýarlanyp durmuş.

Hatda çagalaram gorky-ürkini bilmän, duşmanyň üstüne batyrlyk bilen topulypdyrlar. Tugan-Mürze-Baranowskiý dokuz ýaşly bir teke oglanjygynyň eline ullakan pyçak alyp, Eriwan polkunyň ofiseriniň üstüne topulanyny görendigi barada ýazýar.

Şular ýaly faktlar rus harby işgärleriniň ýatlamalarynda ýeke-ýeke sanardan kän.

Tekeleriň batyrlygy, ahlak arassalygy olary iň bir wagşyýana ýigrenç bilen ýigrenýän adamlary hem soňra hormatlamaga mejbur edipdir. Mysal üçin, heniz tekeleri diňe Ýegenbatyr galasynyň üstünden dürbi bilen synlaýan Wereşagin şeýle ýazýar: «Bu agyzlary ýalaňaç gylyçly adam şekilindäki ganhor ýyrtyjy haýwanlaryň üýşmeginiň öňünde biziňkileriň toparjygy dürbüde çalaja agaryp görünýärdi». Soňra bolsa hut şol Wereşagin: «Tekeler nähili görmegeý halk eken! Olaryň ýüz keşbi nähili gelşikli!.. Tekeler gaty akylly hem paýhasly halk eken, men olaryň gürrüňlerini hezil edinip diňleýärdim» diýip ýazýar.

Synany bäri bir asyr on bir ýyly başyndan geçiren Gökdepe galasynyň harabaçylygy ahmyr bilen içini tutup, ýere siňip ýatyr. Äpet gala — ýalňyz doganlyk mazary. Onuň ýumrulan diwarlarynyň astynda öz mukaddes topragynyň azatlygy, erkinligi ugrunda başyny goýan müňläp merdana gojalar, ýigitler, aýal-gyzlar, çagalar ýatyr.

Gala hem ony goraýjylar barada indi bir asyrdanam gowrak wagt bäri köp gürrüňler edilip gelinýär. Bu aýylganç gyrgynçylygyň sebäpleri barada, günäkärleri barada gürrüň edildi. Türkmen halkynyň taryhynda aýgytlaýjy etaplaryň biri bolan Gökdepe gyrgynçylygy baradaky hakykaty öwrenmek sözüň doly manysynda gadagan edilenem bolsa, ol hakda faktsyz her dürli netijeler çykarmakdan çekinilip durulmady. Taryhy sud etmek derejesine barlyp ýetildi. Birleri Gökdepe gyrgynçylygy din hadymlarynyň, han-begleriň zähmetkeş halkyň boýnuna dakan zady diýdi, başga birleri halky basybalyjylara garşylyk görkezmek-de günälemek derejesine baryp ýetdi. Birleri ähli ilaty Gökdepe galasyna ýygnamak bilen tekeler uly ýalňyşlyk goýberdi, ilatyň gyrylmagyna hut şu ýagdaý sebäp boldy diýip tassyklasa, başga birleri teke hanlaryny, serdarlaryny iňlis emissarlarynyň oýnawajyna öwrülen adamlar hasaplady. Birleri Ahal oazisini Russiýanyň sostawyna parahatçylykly ýol bilen birikdirmäge mümkinçilik bardy diýse, başga birleri şeýle mümkinçiligiň bolandygyny inkär etdi. Birleri Ahalyň basylyp alynmagyny onuň koloniýa öwrülmegi hasap etse, ýene birleri ony türkmen halkynyň taryhynda progressiw rol oýnan waka hasaplady. Iň ahyrda hem Ahalyň zorluk bilen basylyp alynmagyny Türkmenistanyň Russiýa birikdirilmeginiň prosesinde, ýerli ähmiýete eýe bolan çaknyşyk hasap edip, tutuş Türkmenistan Russiýa meýletinlik bilen birleşdi diýip tassyklamaga barlyp ýetildi.

Gökdepe wakasy ýaly çylşyrymly, tutuş ýurduň, tutuş hal-

kyň ykbalynda aýgytlaýjy rol oýnan taryhy wakalara haýsydyr geldi-geçer syýasy bähbitler nazaryýetinden ýa-da haýsydyr bir aýrylykda alnan anyk mesele nazaryýetinden baha bermek nädogry bolar. Nähilidir birtaraplaýyn netije çykarmak nädogry bolar.

Gökdepe wakalarynda din hadymlarynyň, han-begleriň uly rol oýnandygyny hiç kim inkär edip bilmez. Sebäbi şol döwrüň taryhy şertlerinde başgaça bolmagy mümkin däl ahyry. Ilaty Gökdepe galasyna göçürip getirmekde, galada saklamakda hanlaryň, serdarlaryň zorluk ulanandygyny hem hiç kim inkär edip bilmez. Ýöne munuň synpy bähbit aralyp däl-de, umumy halk, watan bähbidi üçin edilendigini hem hiç kim inkär edip bilmez.

Belki, ähli ilatyň Gökdepe galasyna ýygnanmagy ýalňyşlyk bolandyr. Ýöne bir gala jemlenen halky basybalyjylaryň uçdantutma gyrmaga haky bar diýibem hiç kim aýdyp bilmez. Munuň özi gyrany däl-de, gyrlany günälemek ahyry. Eger şeýle nazaryýetden seretjek bolsaň, 140 müňdenem köp adamyň göz ýumup-açar salymda gyrylmagyna Hirosimanyň üstüne ilkinji atom bombasyny taşlan amerikan imperialistleri däl-de, bir şähere şonça bolup üýşen adamlaryň özleri günäkär bolup çykýar-da!

Ahalyň, tutuş Türkmenistanyň Russiýa parahatçylykly ýol bilen birikdirilmek mümkinçiliginiň bolandygyny hiç kim inkär edip bilmez. Belki, şeýle mümkinçiligiň elden giderilmegine tekeleriň özleriniňem sebäp bolan ýerleri bardyr. Olaryň rus kerwenleriniň üstüne çozan wagtlaram bolupdyr. Teke hanlarynyň ruslar bilen gepleşik geçirip, öz tiredeşlerine diýenlerini etdirip bilmedik, gepleşigiň şertlerini berjaý edip bilmedik wagtlaram bolupdyr. Ýöne aňyrdan gelen basybalyjylara sadyklyk bilen boýun egmändigi, «parahatçylyk bilen birleşmändigi», öz ýurduny, öz azatlygyny goramak üçin garşylyk görkezendigi üçin türkmen halkyny günälemek bolarmy? Haýsy halkyň ikinji bir halky

onuň «meýletinlik bilen birleşmändigi» sebäpli basyp almaga, gyrgyna bermäge haky barmyş? Basyp almaga hiç kimiň haky ýokdur, öz azatlygyny goramak bolsa her bir halkyň mukaddes borjudyr.

Türkmenistanyň basylyp alynmagynyň Gökdepe wakalarynyň hut yzysüre käbir progressiw netijeleriniň bolandygyny hem hiç kim inkär edip bilmez. Türkmen halky şondan soň ençeme obalaryň ilatynyň gulçulyga sürlüp boşap galmagyna sebäp bolan alamançylykdan dynypdyr. Ýöne, birinjiden-ä, türkmenleriň alamançylyk bilen meşgullanandygy kimdir biriniň olaryň ýurduny basyp almaga hakynyň bardygyny aňlatmaýar. Eger şeýle boljak bolsa, Russiýa Eýrany hem basyp almaly bolardy. Sebäbi türkmenlerem kürtleriň, parslaryň alamanyndan olardan az ejir çekmändirler. Ikinjiden, Türkmenistanyň Russiýa birikdirilmegi alamançylygyň galmagyny tizleşdirdi diýilse, hakykata has golaý bolardy.

Her bir zat taryhy şertlere laýyklykda döreýär, her bir zat taryhy şertlere laýyklykda ýitip gidýär. Alaman türkmenleriň oýlap tapan zady däl. Gulçulyk döwrüniň galyndysy. Ol türkmenlerde hem eýýäm möwritini geçirip barýardy. Türküstanyň, Hywanyň ruslar tarapyndan basylyp alynmagy türkmenleri eýýäm gul bazarlaryndan mahrum edipdi. Türkmenler bolsa özleri saklamak üçin gul, gyrnak getirmän, satmak üçin getiripdirler. Iň esasysy bolsa alamançylygyň geografiki çäkleri daralyp gelýärdi.

Hamala, Gökdepe gyrgynçylygy ýerli ähmiýete eýe bolan çaknyşyk bolupdyr, tutuş Türkmenistan bolsa Russiýa meýletinlik bilen birigipdir diýip tassyklaýan adamlaryň taryhy hakykaty bilkastlaýynlyk bilen ret edýändigine ýa-da taryhdan ýekeje setir okamandygyna göz ýetirmek kyn däl.

Gökdepe galasynyň alynmagy ýerli ähmiýete eýe bolan çaknyşyk däldi. Gökdepede tutuş Türkmenistanyň, külli türkmeniň

ykbaly çözülipdi. Hatda Skobelew, Grodekow, Kuropatkin ýaly diňe Ahalyň boýun egdirilmeginde däl, Russiýa imperiýasynyň harby durmuşynda uly rol oýnan adamlar Gökdepe galasynyň alynmagyna tutuş Türkmenistanyň boýun egdirilmegi hökmünde garapdyrlar. Munuň özi hakykatdanam şeýle bolupdy. Soňra 1884-nji ýylda Maryda bolan «geňeşiň» netijesi hem 1881-nji ýylyň 12-nji ýanwarynda Gökdepede çözülipdi.

Gökdepe galasyny goraýjylar ýeňlenem bolsalar, öz ýurduny, azatlygyny gorap saklap bilmedigem bolsalar, basybalyjylary özbaşdak bir ýurdy, özbaşdak bir halky basyp alandyklaryny ykrar etmäge mejbur etdiler. Olar diňe alamançylyk bilen meşgullanyp, göçüp-gonup ýören wagşy taýpalary mugyra getirmändiklerini, Türkmenistan diýen bir ýurdy basyp alandyklaryny dünýä jar etdiler. Grodekowyň dört tomdan ybarat memuarlarynyň «Türkmenistanda bolan uruş atlandyrylmagy» şuny subut edýär. Onuň üç tomy 1883-nji ýylda çykypdy, ol wagtlar entek Marydaky «geňeş» bolmandy, Türkmenistan heniz Russiýa «meýletin birikmändi». Kuropatkiniň memuarlarynyň hem «Türkmenistanyň basylyp alynmagy» diýlip atlandyrylandygy şuny subut edýär. Galyberse-de, Türkmenistanyň Eýran bilen serhediniň Kaspiden başlap, tä Babadurmaza çenli türkmen halkynyň arkasyndan, oňa sala salynman çekilendigine, hakykat ýüzünde munuň Türkmenistanyň territoriýasynyň iňlisleriň kömegi bilen Russiýadyr Eýranyň arasynda paýlaşylmagyny aňladandygyna garamazdan, bu aktyň özi şuny subut edýär. 1881-nji ýylyň 9-njy dekabrynda Tähranda Russiýa bilen Eýranyň aralygynda Kaspi deňzinden gündogara tarap serhet çekmek baradaky konwensiýa gol çekilende, heniz Maryda «geňeş» bolmandy, Türkmenistan Russiýa «meýletinlik bilen» birleşmändi.

Gökdepe galasynyň harabaçylygy ahmyr bilen içini tutup, ýere siňip ýatyr. Bu ýerde ata watanyň azatlygy ugrunda müňläp

adamlar başyny goýdy. Olaryň ganynyň ýerine düşmegi üçin, Türkmenistanyň garaşsyz, özbaşdak ýurt bolmagy üçin ýüz on bir ýyl gerek boldy. Tebigatyň emrine çäre ýok. Ýere siňip barýan gala wagtyň geçmegi bilen ýene çöker. Emma minnetdar nesilleriň ýüreklerinde bolsa ol gala barha beýgeler. Ýüz on ýyldan soň *HATYRA GÜNI* diýlip yglan edilen 12-nji ýanwary minnetdar nesiller hiç wagt ýatlaryndan çykarmazlar.

*26.10.1991*

# Ahalteke oazisiniň obalarynyň spisogy, olaryň arçynlarynyň atlary we obalardaky öýleriň sany

1881-nji ýyl. 14-nji aprel.

| # | Obalaryň ady | Öý sany | Arçynlaryň ady |
|---|---|---|---|
| 1. | Gyzylarbat | 350 | Hudaýberdi han |
| 2. | Bamy | 150 | Mämmetguly han |
| 3. | Börme | 200 | Dykma serdar |
| 4. | Arçman | 200 | Nurmuhammet serdar |
| 5. | Sünçe | 40 | Beki |
| 6. | Mürçe | 20 | Weli ýüzbaşy |
| 7. | Bäherden | 155 | Orazmyrat ussa |
| 8. | Durun | 60 | Muhammetdurdy baý |
| 9. | Garagan | 55 | Babasary |
| 10. | Akdepe | 150 | Arça serdar |
| 11. | Kelete-Mehin | 250 | Işmek baý |
| 12. | Ýarajy | 300 | Aba |
| 13. | Gökdepe | | |
| | 1) | 350 | Aman atly |
| | 2) | 300 | Hajymyrat Bagajy Gowşak (?) |
| | 3) | 285 | Pudak |
| 14. | Nowa | 25 | Ata Garaba ogly |
| 15. | Ahal | 90 | Gurban |
| 16. | Gagşal | 150 | Halsähet |
| 17. | Bürki | 80 | Annaoraz han |
| 18. | Ganjyk | 200 | Dowat han |
| 19. | Tilkiýaby | 128 | Ataguly |

| | | | |
|---|---|---|---|
| 20. | Gümmetli | 200 | Orazseýit baý |
| 21. | Yzgant | 150 | Durdy döw |
| 22. | Şorgala | 75 | Oraz han |
| 23. | Kelejar | 68 | Muhammetnyýaz |
| 24. | Gorjaw | 50 | Döwletmyrat han |
| 25. | Büzmeýinler | 350 | Öwezguly serdar |
| 26. | Ýasmansalyk | 350 | Wepadar han |
| 27. | Herrikgala | 325 | Sähermyrat |
| 28. | Gypjak | 200 | Myrat han |
| 29. | Gökje | 200 | Bäşim kel |
| 30. | Bagyr | 70 | Amanguly han |
| 31. | Köşi | 300 | Tutmuk (?) |
| 32. | Aşgabat | 50 | Koşulesbeý (?) |
| 33. | Änew | 200 | Suhanberdi |
| 34. | Gäwers | 20 | Aba han |
| 35. | Magtymjülge (Bendesenden aňyrda) | 100 | Şaule(?) magtym |
| 36. | Aşgabadyň golaýynda ýerleşýän Marydan gaýdyp gelen dürli obalaryň ilaty | 380 | |
| 37. | Gumda göçüp-gonup ýörenler | 1.800 | |
| | **Jemi** | **8.876** | |

Ahalyň ilaty esasy dört taýpa bölünýär: wekil, syçmaz, bagşydaşaýak we beg.

**Wekil taýpasy:** Gyzylarbat, Durun, Garagan, Akdepe, Kelete-Mehin, Bürki, Gagşal, Ganjyk, Tilkiýaby, Yzgant obalarynda ýaşaýar.

**Syçmaz taýpasy:** Börme, Ýarajy, Gökdepe obalarynda ýaşaýar.

**Bagşydaşaýak taýpasy:** Arçman, Sünçe, Mürçe, Bäherden, Ýasmansalyk, Büzmeýinler, Herrikgala, Änew obalarynda ýaşaýar.

**Beg taýpasy:** Bamy, Nowa, Ahal, Gümmetli, Sorgala, Kelejar, Gorjaw, Gypjak, Gökje, Bagyr, Köşi, Aşgabat, Gäwers obalarynda ýaşaýar.

Ahalteke oazisiniň ilatyny dolandyryjy, maýor Spolatbog.
Kanselýariýany ýörediji, poruçik Murawýew.

*N. I. Grodekowyň **Türkmenistanda bolan uruş** kitabyndan.*
*4-nji tom. Goşmaça N.90.*

# Ahal obalaryndaky öýleriň we ilatyň Gökdepe galasy alynmazyndan öňki sany

Ahally tekeleriň, olar 1881-nji ýylda derbi-dagyn edilmezinden öňki umumy sanyny Spolatbog 18.000 öýli çomry hasaplaýar. Her obada şunça öýli ilat bar:

**Togtamyşyň begi:**

| | | |
|---|---|---|
| | Gäwersde | 100 öýli. |
| | Bagyrda | 280 öýli. |
| | Gökjede | 400 öýli. |
| | Gypjakda | 380 öýli. |
| | Gorjawda | 1.000 öýli. |
| | Kelejarda | 2.000 öýli. |
| | Bamyda | 300 öýli. |
| | Köşüde | 200 öýli. |
| | Durunda | 300 öýli. |
| | Änewde | 90 öýli. |
| | **Jemi:** | **5.050 öýli.** |

**Togtamyşyň wekili:**

| | | |
|---|---|---|
| | Aşgabatda | 1000 öýli. |
| | Köşüde | 200 öýli. |
| | Yzgantda | 400 öýli. |
| | Babarapda | 100 öýli. |
| | Tilkiýabynda | 300 öýli. |
| | Ganjykýabynda | 400 öýli. |
| | Bükrüde | 100 öýli. |
| | Gagşalda | 500 öýli. |

| | | |
|---|---|---|
| | Mehinde | 400 öýli. |
| | Käriz we Keletede | 300 öýli. |
| | Akdepede | 500 öýli. |
| | Garaganda | 560 öýli. |
| | Gyzylarbatda | 1.000 öýli. |
| | Durunda | 300 öýli. |
| | Änewde | 90 öýli. |
| | **Jemi:** | **6.150 öýli**. |

**Utamyşyň syçmazy:**

| | | |
|---|---|---|
| | Änewde | 90 öýli. |
| | Gökdepede | 2.000 öýli. |
| | Ýarajyda | 600 öýli. |
| | Börmede | 800 öýli. |
| | **Jemi:** | **3.490 öýli.** |

**Utamyşyň bagşydaşaýagy:**

| | | |
|---|---|---|
| | Mirewede | 110 öýli. |
| | Herrikgalada | 570 öýli. |
| | Ýasmansalykda | 600 öýli. |
| | Büzmeýinde | 1.000 öýli. |
| | Bäherdende | 400 öýli. |
| | Mürçede | 180 öýli. |
| | Sünçede | 60 öýli. |
| | Arçmanda | 300 öýli. |
| | Änewde | 90 öýli. |
| | **Jemi:** | **3.310 öýli.** |

Çomry ilatyň (18.000 öýli) üstüne Spolatbog 12.000-e golaý öýli çarwa ilaty hem goşýar, onsoň Ahalyň ähli ilaty onuň hasabyna görä, 30.000 öýli tegelek sana deň gelýär duruberýär.

*N. I. Grodekowyň* ***Türkmenistanda bolan uruş*** *kitabyndan.*
*1-nji tom. 33 – 35-nji sahypalar.*

# Dykma serdaryň maglumatyna görä Ahal obalaryndaky öýleriň sany

Ahalyň ilatynyň sany dürlüçe kesgitlenýär: mysal üçin, Wenýukowyň hasabyna görä 30.000 öýli, biziň barlag otrýadlarymyzyň toplan maglumatlaryna görä 40.000 öýli. Biziň ekspedision otrýadymyzyň ýanynda bolan Dykma (ýa-da Tykma) serdaryň (Börme hany) ynandyrmagyna görä, öýleriň sany 22 müňe ýetýär; öz sözleriniň dogrulygyny tassyklamak üçin, ol oazisdäki obalaryň hemmesini barmak büküp sanady we netijede takmynan şu san alyndy. Her öý başyna 7 jandan hasap etseň, ilatyň sany 154.000 bolýar. Onuň şaýatlyk etmegine görä, oazisiň ilaty obalar boýunça şu hili bölünýär:

Berkitmeli obalarda: Gyzylarbatda 500 öýli, Goç bilen Zawyň her birinde 200 öýli; Gyzylçeşmede 40 öýli; Bamyda 550 öýli; Börmede 1.100 öýli; Arçmanda 400 öýli; Sünçe bilen Mürçäniň her birinde 200 öýli; Bäherdende 250 öýli; Durunda 300 öýli; Garaganda 300 öýli; Akdepede 1.100 öýli; Mehin bilen Ýarajynyň her birinde 200 öýli; Gökdepede 5.000 öýli; Gagşalda 1.000 öýli; Ganjygyň, Gümmetliniň, Yzgandyň hem Büzmeýiniň her birinde 300 öýli; Herrikde 100 öýli; Gypjak bilen Gökjäniň her birinde 250 öýli; Köşi bilen Aşgabadyň her birinde 1.000 öýli; Änewde 1.100 öýli; Gäwersde 40 öýli we Babadurmazda-da 100 öýli.

Berkitmesiz obalarda (35 sany) galan 5320 öýli ilat ýaşaýar. Elbetde, ilatyň sany baradaky bu hasaplamalar juda çaklama bolup durýar, onsoň hiç kim Wenýukow ýalňyş aýdýar, Dykma serdar dogry aýdýar diýip ýa-da onuň tersine diýip bilmez.

*Tugan-Mürze-Baranowskiniň **Ruslar Ahaltekede** (1879) diýen kitabyndan. 63 – 64-nji sahypalar.*